Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ HALK BILIMI MINISTRLIGI

HAÝRIDDIN SULTANOW, MURTAZA KARŞYBAÝEW

# WATAN DUÝGUSY

UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ 6-NJY SYNPLARY ÜÇIN OKUW GOLLANMASY

*Milli taglym we aňyýet ylmy-amaly merkezi tarapyndan neşire hödürlenen*

***Doldurylan we täzeden işlenen 4-nji neşir***

DAŞKENT «MA'NAVIYAT» 2015

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 37.035.6 = 512.164
KBK 74.200.50
S 91

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 6-njy synplary üçin niýetlenen şu okuw gollanmasy Özbegistan Respublikasynyň Prezident Islam Karimowyň «Belent ruh – ýeňilmez güýç» hem-de «Özbegistan garaşsyzlyk gazanmagyň bosagasynda» kitaplary esasynda gaýtadan işlenen. Onda Watana bolan söýgi we watansöýüjilik esaslaryny şekillendirýän temalar okuwçylaryň özboluşly düşünjelerini we göz öňüne getirmelerini hasaba almak bilen, gyzykly mysallar, durmuşdan alnan deliller hem-de häzirki zaman metodik usullar arkaly açyp görkezilen.

**UO‘K 37.035.6 = 512.164**
**KBK 74.200.50**

J o g a p k ä r   r e d a k t o r:
*filosofiýa ylymlarynyň kandidaty* ***Abdurahim Erkaýew***

**Sultanow Haýriddin.**
Watan duýgusy: umumy orta bilim berýän mekdepleriň 6-njy synp okuwçylary üçin okuw gollanmasy / H. Sultanov, M. Karşibaýew; jogapkär redaktor A. Erkaýew; ÖzR Halk bilimi ministrligi. – Doldurylan we täzeden işlenen 4-njy neşir. – D.: «Ma’naviyat», 2015. – 120 s.
I. Karşibaýew M.

ISBN 978-9943-04-142-4

**ŞERTLI BELGILER:**

– açar sözler
– üns berip okaň
– öwreniň
– döredijilikli pikirleniň
– ýatda saklaň
– soraglara jogap tapyň

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-04-142-4
© H. Sultanow, M. Karşibaýew. 2015
© «Ma’naviyat», 2015

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# *Birinji bap.* WATAN AZATLYGY – ÝOKARY BAGT

## IŇ BEÝIK, IŇ EZIZ GÜN

Essalawmaleýkim, eziz okuwçy!

Siz täze okuw ýylyny başlap, ýene mähriban mekdebiňiziň gujagyna gaýdan şu günlerde ýurdumyzda baýram dabaralary dowam edýär. 1-nji sentýabr – Garaşsyzlyk günüdigini siz elbetde gowy bilýärsiňiz.

**Watan dünýädäki iň beýik, iň mukaddes nygmat bolany üçin onuň garaşsyzlygy-da şol derejede gadyrlydyr.**

Bu gün siz peýdalanýan mümkinçilikler – abat mekdep, ýagty synp otaglary, kompýuterler, maglumat-resurs merkezleri, sport meýdanlary, döwrebap derslikler we okuw gurallary öz-özünden peýda bolan däldir. Garaşsyzlykdan öň bulary göz öňüne getirmek hem kyndy.

**Garaşsyzlyk il-ýurdumyzy zulumdan we zynjyrlardan azat etdi, onuň kanuny hukuklaryny, abraý-mertebesini, taryhyny, dilini we dinini, milli gymmatlyklaryny dikeltdi. Şu sebäpli Garaşsyzlyk güni biziň üçin iň beýik, iň eziz baýramdyr.**

Biz özümiz dem alýan, durmuşymyzyň iň möhüm şerti bolan arassa howa, parahat-asuda ýaşaýşyň nähili bahasyna ýetip bolmaýan nygmatdygy barada köplenç çuňňur oýlanyp görmeýäris. Emma, olardan lezzetlenmezden, ýaşamak mümkin däl.

Siz bu gün erkin we azat, parahat we asuda ýurtda ýaşap, döwrebap bilim mesgenlerinde tälim-terbiýe alýarsyňyz. Gynansak-da, dünýäniň ähli ýurtlarynda-da çagalar şeýle mümkinçiliklere eýe däl.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## OWGAN GYZYNYŇ ARMANY

Siz, ähtimal, fransuz kinoçylary tarapyndan surata alnan «Budda hem uýatdan partlady» atly çeper filmi görensiňiz. Onda Owganystandaky bir körpe gyzjagazyň mekdebe barmak, bilim almak üçin näçe jan edişi, ýöne şu ýurtdaky ýagdaý, tümlüge berlen kimseleriň oňa päsgel berýändigi hakynda hekaýa edilýärdi. Gyzjagaz zordan pul tapyp, depder satyn alýar. Ýöne ruçka almaga puly ýetmeýär. Ejesiniň ýüzüne görk berýän zatlaryndan alyp mekdebe ugraýar. Ýolda beýnisine diňe uruş we garakçylyk nogsany ornaşan bezzat çagalara duşýar. Olar gyzjagazy «ýesir» alyp, diriligine ýere gömmekçi bolýarlar. Gyzjagaz olaryň elinden gaçyp, bir mekdebe ýetip gelýär. Gynansak-da, bu oglanlaryň mekdebi bolup çykýar. Mugallym ony köçä kowýar.

Gyzjagaz indi uzak obadaky gyzlaryň mekdebine ugraýar. Emma başga obadan gelendigi üçin ol ýerden hem kowulýar. Şeýdip onuň üçin köçede galmakdan, özi başda duşan garakçy çagalara, ýagny nadanlyga iým bolmakdan başga ýoly galmaýar.



*Eziz okuwçy, ýurdumyzda okuwçylary mekdepleriň 1-nji synpyna kabul etmek hakyky baýram hökmünde geçýändigi barada aýdyp beriň. Bu ýagdaýy owgan gyzy duçar bolan wakalar bilen deňeşdiriň.*

## ÖZBEGISTANYŇ MEKDEPLERI




Ýurdumyzda 9700 sany döwrebap umumy orta bilim berýän mekdep bar. Olarda 4 million 521 müňden artyk çaga tälim alýar. Ilkinji gezek mekdep bosagasyna gadam basan 1-nji synp okuwçylary her ýylda döwletiň hasabyndan «Harplyk» kitabyny we başga derslikler,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

zerur okuw gurallary bilen mugt üpjün edilýär. Meselem, 2014-nji ýylda 587 müňe ýakyn 1-nji synp okuwçysy 28 milliarda ýakyn somluk derslik we okuw enjamlary bilen üpjün edildi. Mundan başgada, mekdep okuwçylary üçin 34 million 500 müň nusgadaky derslikler, okuw-metodik gollanmalary ýurdumyzdaky okadylýan 7 dilde neşir edilip, ähli umumy orta bilim berýän mekdeplere gowşuryldy. Her ýylda täze okuw ýylyndan öň ýurdumyzdaky mekdepler abatlanyp, sentýabr aýynda okuwçylara ulanmaga berilýär.

Prezidentimiz Islam Karimowyň başlangyjy bilen 1997-nji ýylda Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy, 2004-nji ýylda bolsa Mekdep tälimini ösdürmegiň döwlet umummilli maksatnamasy kabul edilip, bökdençsiz durmuşa ornaşdyrylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda 12 ýyllyk mejbury mugt tälim ulgamy iş alyp barýar. Soňky ýyllarda täze-täze mekdepler, akademik liseýler we kesp-hünär kolležleri, ýokary okuw edaralary bilen bilelikde dürli ýerlerde, şol sanda, uzak obalarda we tümenlerde 315 sany döwrebap sazçylyk we sungat mekdebi, 1500-den gowrak çagalar sporty obýektleri guruldy.

Siz ýurdumyzda her ýylda 8-nji mart – Halkara aýal-gyzlar baýramynyň öňüsyrasynda Zulfiýa adyndaky döwlet baýragyny dabaraly ýagdaýda gowşurylýandygyny görensiňiz, elbetde. Ynha şu ýokary baýraga sezewar bolan gyzlar şol dabarada özleriniň okuwda, jemgyýetçilik işlerinde, çeper döredijilikde, sungatda we sportda gazanan üstünlikleri barada gürrüň berenlerinde kaşaň «Türküstan» köşgi gürrüldili el çarpyşmalardan lerzana gelýär.



*Siz näme diýip oýlaýarsyňyz, ýokarda agzalan owgan gyzynyň ýurdunda-da şeýle mümkinçilikler bolanynda bu gyzjagaz hem şonça yhlasy, zehinliligi bilen okuwda, işde, ylym-bilimde we medeniýetde uly netijeleri gazanmagy mümkinmidi?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Diýmek, biz garaşsyz durmuşyň gadyryny tüýs ýürekden aňyp, ony gözüň göreji ýaly aýap saklamaga hemişe taýýar bolup ýaşamalydyrys.

**Tomaris, Şirak, Nejmiddin Kubra, Jelaliddin Menguberdi, Emir Temur ýaly batyr eždatlarymyza güýç-kuwwat beren duýgy ilki bilen ene topragyň öňündäki mukaddes perzentlik borjy, oňa wepalylyk duýgusy, Watan azatlygyny iň beýik nygmat saýmak duýgusydy.**

Bu günki günde halkymyzyň azat we erkin durmuş gurmak, dünýädäki ösen ýurtlaryň hataryndan mynasyp orun eýelemek ugrundaky uly çalyşmalarynyň we hereketleriniň berk çeşmesi-de ynha şeýle beýik duýgulardyr.

Eziz okuwçy, şuny unutmaň, dünýäde ençeme ýalňyşdyr kemçilikleriň, hatda günäleriň hem geçilmegi  mümkin, emma ata-enä, dost-ýarlara, Watana hyýanat asla geçirilmeýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**«Men islendik ýowuzlygy dönüklikden görýärin. Ýagşylyga we hakykata wepaly bolmadyk, olara ynanmadyk adam gorkulydyr»[1].**

Watan duýgusyny tüýs ýürekden syzmak, şu duýgy bilen ýaşamak adamyň durmuşyna many-mazmun bagyşlaýar, ony kämillige tarap eltýär. Şeýle adam durmuşyň çarkandakly ýodalarynda azaşmaýar, öz halkynyň mert we janypkeş perzendi bolup kemala gelýär. Iň möhümi, şeýle adamdan onuň özi hem, il-ýurdy hem peýda görýär, razy bolýar.

## *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Garaşsyzlyk güni siziň şäheriňizde ýa-da obaňyzda nähili bellenilýär?
2. Garaşsyzlyk barada aýdym ýa-da goşgy bilýärsiňizmi?
3. Owgan gyzy näme üçin arzuwyna ýetip bilmedi?
4. Ýurdumyzyň ýaşlarynyň, şol sanda, gyzlarymyzyň okuwda, ylym-bilimde, medeniýetde, sport ugurlaryndaky üstünlikleri barada nämeleri bilýärsiňiz?
5. Özüňiz haýsy ugra gyzyklanýarsyňyz?
6. Suratlara garap, ýurdumyzda ýaşlar üçin döredilen mümkinçilikler barada aýdyp beriň.


1


2


3


4

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 122-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Özbegistan – ýeke-täk Watan» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar


1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 90-njy sah.

2. Islam Karimow. «Özbegistan garaşsyzlyk gazanmagyň bosagasynda». Daşkent, «Özbegistan» neşirýaty, 2011-nji ýyl, 3–31-nji sahypalar.

3. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Alyşir Nowaýy adyndaky Milli kitaphana neşirýaty, 2010-njy ýyl, 6–12-nji sahypalar.

4. Milliy istiqlol g‘oyasi: asosiy tushuncha va tamoyillar. Daşkent, «Özbegistan» neşirýaty, 2000-nji ýyl.

5. Abdulla Awlany. Turkiy Guliston yoxud axloq. Daşkent, «O‘qituvchi» neşirýaty, 1992-nji ýyl, 28-nji sah.




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GARAŞSYZLYGYMYZ EBEDI BOLSUN!

Eziz okuwçy, siz bu sözleri köp eşidensiňiz. Ýurdumyzy, onuň şäherlerini we obalaryny aýlansak, köçeleri, meýdanlary bezäp duran şygardyr görnüşleriň arasynda şu sözlere-de gözümiz düşýär. Aýratynam, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowyň Alyşir Nowaýy adyndaky milli bagda Garaşsyzlyk baýramyna bagyşlanyp geçirilýän dabaraly çäredäki gutlag sözüni hut şu sözler bilen tamamlamak bilen, göýä tutuş halkymyz bu beýik dilege goşulyp, ony dilden we ýürekden gaýtalaýan ýaly bolýar.

**Halkymyz üçin päk duýgular we niýetler bilen ýaşamak näçe müň ýyllyk zowalsyz gymmatlyga öwrülendir. Şonuň üçin hem durmuşymyzy olardan aýry göz öňüne getirip bilmeýäris.**





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ata-babalarymyz daragt ekse, jaý gursa: «Köp ýyllar çagalaryma, çagalarymyň çagalaryna hyzmat etsin!» – diýip gowy niýet edýärler. Her gün diýen ýaly haýyrly dileglerimize goşup aýdýan «Ýurdumyz parahat, halkymyz aman bolsun», «Ýaradanyň özi saklasyn» diýen ýagşy maksatlar bize täze güýç-gaýrat berýär, ertirki güne uly umyt we ynam bilen ýaşamaga ündeýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda şeýle hoş dilegleriň hataryna «Bizden azat we abat Watan galsyn», «Perzentlerimiz bizden görä güýçli, bilimli, dana we hökman bagtly bolmalydyrlar», «Özbek halkyna parahatçylyk we amanlyk gerek» diýen sözler goşulyp, halkymyzyň arasynda meşhur bolandygy ýöne ýerden däldir. Olaryň arasynda «Garaşsyzlygymyz ebedi bolsun!» diýen sözler çuňňur many-mazmuny bilen aýratyn orun tutýar.

**!** **Dünýäde şeýle nygmatlar bar bolup, olaryň gadyr-gymmaty, ähmiýeti asyrlar we hatda bakylyk bilen ölçelýär. Ýyllar, zamanlar geçse-de olar adam, döwlet, halk we jemgyýet üçin iň möhüm zerurlyk, ýokary nygmat bolmagynda galýar.**

Garaşsyzlyk ynha şeýle beýik gymmatlykdyr. Bu sözi aýdanda, biz hem taryhymyzy, hem bu günki günümizi, hem geljekki durmuşymyzy göz öňümize getirýäris. Eždatlarymyz hut garaşsyzlygy ele alyp, öz ýurduna, öz döwletine özi eýelik eden döwürlerde dünýä jar salyp, misli görülmedik üstünlikleri gazanypdyrlar. Watanymyz basybalyjylaryň zulmy astynda galan wagtlarynda bolsa halkymyz näçe-näçe jebir-sütemlere duçar bolupdyr, garaşsyzlyk gazanmagy arzuw edip ýaşapdyrlar. Ýöne şeýle beýik maksada ýetmek üçin diňe arzuwyň özi azlyk edýär. Azatlyk ugrundaky ne-ne kynçylyklardan we maşakgatlardan gorkmazdan, mertlik, janypkeşlik bilen göreşmek talap edilýär. Iň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

agyr mesele hem ine şu – halky azatlyk taglymy bilen oýaryp, ony bu ýolda elbetde ýeňiş gazanmaga ynandyryp, öňe tarap äkitmekdir. Şeýle beýik wezipäni ýerine ýetirmegi diňe uly ýolbaşçylyk tejribesine, uly pikirlenmä, pugta erke eýe bolan adam başarýar. Prezidentimiz Islam Karimow SSSR diýlip at alan, garaşsyzlykdan öň höküm süren öňki sütemkär düzümiň zulmy astynda galan ene ýurdumyzy azat etmek üçin 1989-njy ýylyň 23-nji iýunynda ine şeýle taryhy wezipäni öz üstüne alyp, Özbegistanyň ýolbaşçysy hökmünde işe başlady. Prezidentimiziň şol wagtda geçiren birinji mejlisinde aýdan ilkinji sözleri **«Biz mundan beýläk köneçe ýaşamarys we şeýle ýaşamaga zamanyň özi ýol bermeýär»**[1] diýen sözlerdir. Bu sözleriň aşagynda ýaşamasyny ýaşap bolan köne düzümden geçip, hökman, garaşsyzlygymyzy gazanarys, täze durmuş, täze jemgyýet gurarys, diýen beýik maksat ýatyrdy. Bu ýöne bir arzuw, ýöne bir isleg däl-de, ullakan amaly işler, möhüm hereketleriň başlanyşydygyny soňky wakalar aýdyň görkezdi. Siz döwletimiziň ýolbaşçysynyň «Özbegistan garaşsyzlyk gazanmagyň bosagasynda» kitabyny okasaňyz, muňa doly göz ýetirersiňiz.

Ynha şu taryhy beýanatdan başlanýan özgerişler 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda garaşsyzlyk gazananymyzdan soň has-da giň gerim aldy. Bu günki günde bolsa bu ugurdaky hereketler düýpgöter täze bir şertlerde dowam etdirilýär. Şeýle özgertmeleriň we täzelenişleriň ählisi diňe bir bu günki we ertirki günümize däl, eýsem bakylyga dahylly işlerdigi üns bererlikdir.

## HALKYMYZYŇ YNAMY WE DAÝANJY

Ýurdumyzda 31 milliondan gowrak ilat ýaşaýar. Munuň deň ýarysy ýaşlardyr. Ýurdumyzda dürli gazylyp alynýan baýlyklar, dünýä bazarynda talap uly bolan oňat hilli önümleri öndürýän iri senagat kärhanalary köp. Ýerimiz hasyldar, tebigatymyz amatly. Ýönekeý

[1] **Islam Karimow**. Özbegistan garaşsyzlyk gazanmagyň bosagasynda. – D.: «O‘zbekiston», 2011-nji ýyl, 32-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bir çöpi ýere soksaňyz gögerip pajarlap ösýär. Ýöne ine şu baýlyklaryň ählisini ýurdumyzyň gülläp ösmegi ugrunda ulanýan güýç zähmetkeş, mert we bagrygiň halkymyz, şu halkyň ynamy we daýanjy bolup kemala gelýän ýaşlarymyzdyr. Hut şonuň üçin hem ýurdumyzda her bir çaganyň saglygy, onuň dünýäde hiç kimden kem bolmazdan ösüp-ulalmagy, döwrebap bilimleri, kesp-hünärleri, daşary ýurt dillerini pugta eýelemegi, durmuşdan öz ornuny tapmagy üçin nähili şert gerek bolsa, ählisi döredilip berilýär.

Bir wagtlar Emir Temur babamyz: «Kim biziň güýjümize şübhe etse, guran ymaratlarymyza baksyn», – diýip uly ynam, buýsanç bilen öz işiniň bakylyga dahyllydygyny nygtapdy. Sahypgyran babamyzyň agtygy, beýik alym we döwlet işgäri Mürze Ulugbek bolsa ylym-bilim ugrundaky açyşlarynyň hiç haçan ýok bolup gitmejekdigini nazarda tutup: «Öz işimi mynasyp nesillerime galdyrdym», – diýip aýdypdyr. Nusgawy akyldar şahyrymyz Alyşir Nowaýy, göýä hut şu hakykaty tassyklan ýaly, Mürze Ulugbek barada: «Kyýamata ýetýänçä ähli eýýam, Ýazarlar anyň



**Samarkant. Şahizinda toplumy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ahkomidin ahkom», – ýagny, bu dünýänyň alymlary Ýer ýüzünde barkalar, Ulugbegiň açyşlary esasynda täze-täze netijeleri, hökümler çykaryp, bu açyşlary dowam etdirýärler, diýip aýdandygy ýöne ýerden däldir, elbetde.

Muňa serediň, bu sözler 2014-nji ýylyň 14–15-nji maý günleri Samarkant şäherinde öz subutnamasyny tapdy. Dünýäniň 40-dan gowrak döwletlerinden gelen iň meşhur alymlar bu şäherde «Orta asyrlaryň Gündogar alymlarynyň we akyldarlarynyň taryhy mirasy, onuň häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösmegindäky roly we ähmiýeti» temasyndaky halkara konferensiýa toplandylar. Olar başga beýik alymlarymyz ýaly Mürze Ulugbegiň mirasy barada hem gowy pikirler aýtdylar, ýagny, bu beýik akyldaryň açyşlaryndan açyşlar edendiklerini beýan etdiler.

Prezidentimiz ýurdumyzyň ýaşlarynyň dürli ugurlarda gazanýan üstünliklerini bütin halkymyzyň, Özbegistanymyzyň üstünligi hasaplaýar. Diýmek, Watanymyzyň garaşsyzlygyny gorap saklamak we pugtalandyrmak, Özbegistanymyzyň şöhratyny dünýä ýaýmak wezipesi geljekde hut siziň ýaly ýaşlara bagly.

Gysgaça aýdanda, «Garaşsyzlygymyz ebedi bolsun!» diýen sözleriň aşagynda çuňňur many ýatyr.

Hakykatdan hem, biz bakylyga dahylly işleri bilen dünýä tanalan halkdyrys. Gadymy şäherlerimizdäki taryhy ýadygärliklerimiz, beýik eždatlarymyzyň bahasyna ýetip bolmaýan mirasy, garaşsyzlyk döwründe gurlan ençeme desgalarymyz, bu günki günde halkymyz, şol sanda, ýaşlarymyz gazanýan uly üstünlikler hut şondan habar berýär.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Siz Garaşsyzlyk baýramyna bagyşlanan dabaraly çäräni telewizor arkaly görüpdiňizmi?
2. Bu dabara sizde nähili täsir galdyrdy?
3. Siz bir işi başlamazdan öň nähili niýet edýärsiňiz?
4. Beýik alymlarymyzyň atlary näme üçin müň ýyllardan bäri zowalsyz ýaşap gelýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. Suratlara garap, halkymyzyň bakylyga dahylly işleri barada aýdyp beriň.


1

2

3

4

## «Watanyň bahasyna ýetip bolmaýan nygmatlary» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 7–8-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Alyşir Nowaýy adyndaky Milli kitaphana neşirýaty, 2010-njy ýyl, 6–12-nji sahypalar.

3. Milliy istiqlol g‘oyasi: asosiy tushuncha va tamoyillar. Daşkent, «O‘zbekiston» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 51–52-nji sahypalar.

4. Abdulla Awlany. Turkiy Guliston yoxud axloq. Daşkent, «O‘qituvchi» neşirýaty, 1992-nji ýyl, 28-nji sah.

5. Vatan va millat muqaddasdir. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 8–18-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## WATANYMYZYŇ PAÝTAGTY

Eziz okuwçy, Watanymyz, onuň gözel we abat keşbi, uly mümkinçilikleri barada gürrüň edilende, ilki bilen uly paýtagtymyz Daşkent şäheri göz öňümize gelýär. Çünki, Prezidentimiz Islam Karimowyň aýdyşy ýaly, biz Daşkendiň tymsalynda Özbegistany, Özbegistanyň tymsalynda bolsa Daşkendi söýýäris, gadyrlaýarys.

**Daşkent – diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem Orta Aziýa sebitiniň iň iri administratiw, ykdysady we medeni merkezi. Ol Watanymyzyň demirgazyk-gündogar böleginde, Týanşan dag gerişleriniň günbatar eteginde, Çyrçyk jülgesinde ýerleşýär. Şäher 335 kwadrat kilometre ýakyn meýdany eýeleýäp, bu ýerde iki ýarym milliona golaý ilat ýaşaýar.**

Şäher 11 tümene – Bektemir, Mürze Ulugbek, Mirabat, Almazar, Sergeli, Üçdepe, Çilanzar, Şaýhantahur, Ýunusabat, Ýakkasaraý, Ýaşnabat tümenlerine bölünen.

**Gadymda şäher Çaç, Şaş, Binkat diýen atlar bilen atlandyrylypdyr. Şäheriň çäginde Şaşdepe, Müňörik, Çilanzar Akdepesi, Ýunusabat Akdepesi ýaly köne şäher galyndylary saklanyp galypdyr.**

Daşkent 1930-njy ýyldan bäri Özbegistanyň paýtagty hasaplanýar.

Gadymda Daşkent şäheriniň 12 derwezesi bolupdyr. Bular – Labzak, Tahtapul, Garasaraý, Sagban, Çagataý, Gökje, Samarkant, Kamalon, Bäşagaç, Koýmas, Kokant, Kaşgar derwezeleridir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## GÜNDOGARYŇ DERWEZESI

Bu günki günde Daşkendiň özi uly derweze hasaplanýar. Çünki dünýäniň günbatar ülkelerinden Gündogar ýurtlaryna, Gündogardan bolsa Günbatara barýan samolýotlar, awtomobil kerwenleri Daşkent arkaly geçýär. Şonuň üçin ol giň manyda Gündogar derwezesine öwrülip barýar.

Daşkendiň ýene bir möhüm aýratynlygy – bu ýerde irrigasiýa pudaklary – ýaplaryň we kanallaryň köplügidir. Çyrçyk derýasynyň sag kenaryndaky magistral kanal – Bozsuw, Daşkent şäheriniň çäginde Anhor, Börijar, Salar, Garasuw, Keýkowus ýaly şahalara bölünip, mähelle we kwartallar boýunça kiçi ýapjagazlar arkaly ýaýraýar. Öňünden doly suwly ýapjagaz akmaýan ýekeje-de köçe ýa-da güzer ýok.

***«Daşkendiň mylaýym howasy, gözel tebigaty, bereketli owadan baglary, dury we şypa beriji suwlary barada nähili gözel taryplar ýazylan. Hususan-da, XVI asyrda ýaşap geçen***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***taryhçy alym Zaýniddin Wosifi Daşkendi taryplap, bu diýary bir gezek gören adam edil jennetiň baglarynda seýil eden ýaly bolýar, diýip ýazanda hut hakykaty beýan edipdi»*[1].**

Gadymy Daşkendiň köçeleri we mähelleleri, güzerleri Demirçi, Misgärlik, Degrezlik (gazan ýasaýjylar), Okçy, Eýerçi, Takaçy, Messidozluk, Gönçilik, Parçabaf diýen atlar bilen meşhur bolupdyr. Aýratynam, kemançylar ýasan ok-ýaýlar «kemani Şaşy» diýen at bilen ýedi yklyma tanalypdyr.



**Gögeldaş medresesi**

Daşkent ozaldan ylym-magaryf şäheri, beýik alymlar, eziz-keramatlylar ýurdy bolup gelipdir. Bu toprakdan Kaffol Şaşy, Şyh Howandy Tahur, Hoja Ahror Weli, Hapyz Koýki, Şyh Zaýniddin baba, Ybrahym ata we Koýlyk ata ýaly eziz-keramatlylar, «Şaşy», «Daşkendi» lakamlary bilen ençeme alymlar, şahyr we akyldarlar ýetişip çykypdyr.

XX asyryň başlarynda jedit magaryfçylary hökmünde meýdana çykan taryhy hereket hem ilki bilen Daşkentden başlanyp, bütin ýurdumyza giň ýaýrapdy. Bu hereketiň Münewwer kary, Abdulla Awlany, Abdulla Kadyry ýaly görnükli wekilleri hut gadymy Şaş perzentleridir.

Garaşsyzlyk döwründe Daşkent giň manyda paýtagt şähere, dünýä möçberinde ykrar edilen megapolise, ýagny iri şähere öwrüldi. Ýurdumyzda amala aşyrylýan ähli uly taryhy özgerişler Daşkentden başlanýar.

Watanymyzyň garaşsyzlygynyň yglan edilmegi, Özbegistanyň Konstitusiýasy we ýurdumyzyň ösüşine degişli ençeme kanunlar we kararlar

---

[1] **Islam Karimow**. Tarixi boy, buguni go‘zal, kelajagi buyuk shahar. –D.: «O‘zbekiston», 2009-njy ýyl, 5–6-njy sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hut şu ýerde kabul edilendigi Daşkendi täze taryhymyzyň aýrylmaz bölegi bolan, ählimiz buýsanyp, guwanyp ýaşaýan şähere öwürdi.

Paýtagtymyzda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň diwany, Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasy, Senat, Ministrler Kabineti ýaly döwletimiziň ýokary häkimiýet organlary, merkezi ministrlikler we edaralar, syýasy partiýalar, raýatlyk guramalary, daşary döwletleriň ilçihanalary, abraýly halkara guramalaryň wekilhanalary iş alyp barýar.

Daşkent – ýaşlar şäheri. Bu ýerde siziň ýaly oglan-gyzlaryň bilim almaklary, döwrebap hünärleri öwrenmekleri, sport, çeper döredijilik bilen meşgullanmaklary, medeni dynç almagy üçin ähli amatlyklar bar. Ençeme mekdepler, liseýler we kolležler, ýokary okuw edaralary, stadionlar, teatrlar we muzeýler, seýil baglary, ylym-bilim, medeniýet edaralary, ýaşlar merkezleri hut şu maksada hyzmat edýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Daşkendiň keşbi tanap bolmaýan derejede özgerdi. Şäheriň Garaşsyzlyk meýdany we merkezi böleginde, Köne şäheriň çäginde giň gerimli gurluşyk-abadançylyk işleri amala aşyryldy.



**Özbegistanyň döwlet konserwatoriýasy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Daşkendiň döwrebap keşbinde islendik adamy hem özüne çekýän ajaýyp baglar, bezegli alleýalar, ýap-ýaşyl meýdanlar aýratyn orun tutýar. Diňe soňky 10 ýylda paýtagtymyzda öňki demir-beton we asfalt bilen örtülen meýdanlaryň ýerine 3 müň 30 gektardan gowrak ýaşyl zolaklar döredildi.

**2009-njy ýylda Daşkent şäheriniň 2200 ýyllygy bellenip geçildi we ol «Garaşsyzlyk» ordeni bilen sylaglandy.**

Daşkent häzirki wagtda Özbegistanyň paýtagty diýen ýokary derejä her taraplaýyn mynasyp, dünýä bileleşiginiv ünsüne we ykraryna sezewar bolan, dünýädäki iň beýik şäherler bilen boýlaşýan, barha ösüp, rowaçlanyp barýan beýik şähere öwrülendigine buýsanmaga haklydyrys.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Siziň şäheriňizde ýa-da tümeniňizde soňky wagtda nähili özgerişler bolup geçýär?
2. Ata-eneňiziň ýa-da ýakynlaryňyzyň Daşkent şäheri baradaky pikirlerini eşidipdiňizmi?
3. Özüňiz Daşkent şäherinde bolduňyzmy?
4. Daşkent gadymda nähili atlar bilen atlandyrylypdyr?
5. Suratlara garap, Daşkendiň ýaşlar şäheridigi barada aýdyp beriň.


1


2


3


4



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Daşkende syýahat» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Tarixi boy, buguni go‘zal, kelajagi buyuk shahar. Daşkent, «O‘zbĺkiston», 2009-njy ýyl, 34-nji sah.

2. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat», 2013-nji ýyl, 155-nji sah.

3. O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi, 6-njy jilt. Daşkent, «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» döwlet ylmy neşirýaty, 2003-nji ýyl, 159–160-njy sahypalar.

4. Toshkent ensiklopediyasi. Daşkent, «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» döwlet ylmy neşirýaty, 2009-njy ýyl, 373–377-nji sahypalar.

5. Sirojiddin Saýýid. Yashasin yomg‘irlar. Daşkent, Gafur Gulam adyndaky Edebiýat we sungat neşirýaty, 2007-nji ýyl, 10–15-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBEGISTANYŇ MILLI BAGY

Eziz okuwçy, paýtagtymyz Daşkent şäheriniň merkezinde halkymyzyň buýsanjy bolan, köpçülik baryp görmegi, seýil etmegi arzuw edýän mübärek mesgen bar. Bu – Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistanyň milli bagydyr. Ol ýurdumyzdaky iň iri medeniýet we seýil bagy hasaplanýar. Ony gysgaça, Milli bag diýip hem atlandyrýarys.

**Milli bag Daşkent şäheriniň merkezi böleginde ýerleşen bolup, 69 gektar meýdany eýeleýär.**

Bag 1991-nji ýylda Prezidentimiz Islam Karimowyň başlangyjy bilen gurlan. Hut şol ýylda bu ýerdäki beýik depede Alyşir Nowaýynyň 550 ýyllygynyň hormatyna şahyryň uly heýkeli oturdylypdy.

Bagyň ortasynda özboluşly binagärlik toplumy gurlan. Toplumyň merkezinde çüwdürimli tegelek howuz we amfiteatr şeklindäki dabaraly çägereler geçirilýän meýdan bar.

Amfiteatryň günbatar tarapynda Aly Mejlisiň jaýy we Abulkasym medresesi, gündogar tarapynda bolsa «Nowruz» restorany ýerleşýär.

Alyşir Nowaýynyň heýkeliniň öň tarapyndaky alleýadan kanal akyp geçýär. Oňa jykyr oturdylan. Bu alleýa 2007-nji ýylda görnükli ýazyjymyz Abdulla Kahharyň, 2010-njy ýylda Musa Taşmuhammet ogly Aýbegiň, 2013-nji ýylda bolsa Özbegistanyň Gahrymany Said Ahmediň we görnükli şahyr aýal Saida Zununowanyň heýkelleri oturdylan.

Bu ýerdäki amfiteatrda her ýylda Nowruz we Garaşsyzlyk baýramyna bagyşlanyp geçirilýän dabaraly çäreleri ol-ýurdumyz, daşary ýurtly myhmanlar uly gyzyklanma bilen tomaşa edýär. Şu dabaralarda Prezidentimiz Islam Karimow gatnaşyp, halkymyzy şu beýik baýramçy-lykly günler bilen gutlaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Daşkent şäherindäki Emir Temuryň alleýasy hem gözel mesgenlerden biridir. Özbegistanyň Milli bagy şäheriň günorta-günbatar tarapynda ýerleşen bolsa, Emir Temuryň alleýasy gündogar tarapyndadyr.

Garaşsyzlyk gazananymyzdan soň Prezidentimiziň başlangyjy bilen bu mesgene Emir Temuryň alleýasy diýlip at berildi. 1993-nji ýylda bolsa alleýanyň ortasyna Sahypgyran Emir Temur babamyzyň ajaýyp heýkeli oturdyldy. Bu heýkeliň taslamasynyň awtory hem Ýurtbaşymyzdyr. Bu hakda «Belent ruh – ýeňilmez güýç» kitabynda siz bilen biziň üçin görelde alarly sözler ýazylan:

***«Heýkeltaraşlar teklip eden wariantda Sahypgyranyň elinde naýza tutan ýagdaýda şekillendirilipdi. Men muňa razy bolman, Sahypgyran babamyzyň elinde naýza däl-de, atyň jylawyny çekip durany makul, – diýen pikiri aýtdym. – Munuň simwoliki manysy bar. Çünki, soltanlykda naýza göteren adamlar köp bolupdyr, emma jylaw Emir Temuryň elinde***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***bolupdyr. Bu berk döwlet düzümini elde pugta saklap durmagy aňladýar»***[1].




Häzirki günde bize gowy tanyş bolan Emir Temuryň heýkeli hut şeýle görnüşde döredilen.

Alleýanyň demirgazyk tarapynda 1996-njy ýylda Emir Temuryň 660 ýyllyk toýy mynasybetli Temuriler taryhy döwlet muzeýi guruldy. Bu muzeýe girseňiz, Emir Temur babamyzyň ökde leşgerbaşy, güýçli döwlet baştutany bolanyny subut edýän ençeme ýadygärlikleri görýärsiňiz.

2009-njy ýylda Emir Temur alleýasy düýpli gaýtadan guruldy. Bu ýere gözüňi guwandyrýan ýapýaşyl arçalar, sosna we kaştan daragtlary ekildi. Alleýanyň gündogar tarapynda ap-ak reňkdäki ajaýyp görnüşli «Özbegistan» maslahatlar köşgi hem-de Daşkent gadymy kurantyna utgaşyk täze kurant guruldy. Bu kaşaň ýadygärlikler Daşkent şäheriniň 2200 ýyllyk toýuna mynasyp sowgat boldy. Paýtagtymyzyň ine şu taryhy senesine bagyşlanan dabaraly çäre-de hut «Özbegistan» maslahatlar köşgünde bolup geçdi.

Prezidentimiziň taslamasy we ýolbaşçylygy esasynda gurlan bu ýadygärlik diňe bir Emir Temur alleýasy däl, eýsem bütin paýtagtymyzyň görküni artdyrdy.

---

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 152-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**«Özbegistan» halkara maslahatlar köşgi**

## *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Siziň şäheriňizde ýa-da tümeniňizde-de seýil bagy barmy?
2. Ol ýerde nähili çäreler geçirilýär?
3. Siz Milli baga baryp gördüşizmi?
4. Emir Temuryň alleýasynda bolduňyzmy?
5. Şu suratlaryň arasyndan «Özbegistan» halkara maslahatlar köşgüni tapyň.


1


2


3


4



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Watan we halk baky galar» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 7–11-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 6–24-nji sahypalar.

3. Milliy istiqlol g‘oyasi: asosiy tushuncha va tamoyillar. Daşkent, «O‘zbekiston» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 55–56-njy sahypalar.

4. Vatan va millat muqaddasdir. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 8–18-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BEÝIK ZYÝARATGÄHLER

Eziz okuwçy, bilimde we asyllylykda deňi-taýsyz adamlaryň gadamy degen ýa-da olar baky aram tapan, adamlar eziz we mukaddes hasaplaýan ýerleri mübärek zyýaratgähler diýýäris. Her garyş topragy mukaddes bolan ýurdumyzda şeýle mesgenler köp. Paýtagtymyz Daşkent şäheriniň Almazar tümeninde ýerleşýän Hezreti Ymam toplumy şulara degişlidir.

**Hezreti Ymam toplumy Prezidentimiz Islam Karimowyň başlangyjy we ýolbaşçylygy bilen 2007-nji ýylda täzeden guruldy.**

Eger siz Daşkendiň Köne şäher bölegine tarap barsaňyz, uzak-uzaklardan görnükli we beýik goşa minara gözümiz düşýär. Olar ine şu toplumyň düzümindäki Hezreti Ymam juma metjidiniň minaralarydyr.



**Hezreti Ymam toplumy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gurluşykçylaryň aýtmagyna görä, metjidiň minaralarynyň beýikligi 52 metr eken. Metjidiň sag tarapyndaky minara horezmli Ybrahym we Erkin ussalaryň ýolbaşçylygynda 26 günde, onuň çep tarapyndaky minara bolsa samarkantly Şarif ussanyň ýolbaşçylygynda 28 günde gurlup tamamlanandygy üns bererlikdir.

Şu metjidiň demirgazyk-günbatar tarapynda Moýy mübärek medresesi ýerleşýär. Taryhy kitaplarda ýazylyşyna görä, bu medrese ilkinji gezek XV asyrda gurlup, soňluk bilen bozulyp gidipdir, 1856–1857-nji ýyllarda täzeden dikeldilen eken. 2007-nji ýylda medrese doly abatlanyp, täzeçe keşbine eýe boldy. Häzirki günde bu ýerde mukaddes Gurhan kitabynyň iň gadymy asyl nusgasy saklanýar.

Hezreti Ymam toplumynda ýene Tylla Şeýh juma metjidi, Barakhan medresesi, Kaffol Şaşy kümmeti, Namazgäh metjidi ýaly taryhy ýadygärlikler bolup, olar hem düýpli abatlanan.

Daşkent şäherindäki beýik zyýaratgähler barada gürrüň edilende, 1999-njy ýylda gurlan Hatyra meýdanyny agzamak ýerliklidir. Hatyra meýdanyndaky bir-birine seretdirip gurlan nagyşly sütünli eýwanlardaky sahypalara Ikinji jahan urşunda heläk bolan 450 müň sany watandaşymyzyň ady familiýasy zerli harplar bilen ýazylyp goýlan. Bu ýere gelýän zyýaratçylaryň yzy üzülmeýär. Her bir zyýaratçy ilki bilen bu ýerdäki Gamgyn ene heýkeliniň ýanyna baryp, şu beýik enä tagzym edýärler. Soňra eýwanlar boýunça ýöräp, öz welaýaty üçin aýratyn ýerleşdirilen sahypalaryň öňünde saklanýarlar. Şol betbagt uruşda heläk bolan jigerbentleriniň ady familiýasyny ine şu sahypalardan



**Gamgyn ene heýkeli**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



tapyp, olary ýatlaýar. Dünýäde parahatçylyk ýaly beýik nygmat ýokdugyna ýene bir gezek göz ýetirýärler.

Hatyra meýdanynda geçirilýän çäreler barada siz 5-nji synpdaky amaly sapakdan gowy bilýärsiňiz.

Her ýylda 9-njy maý — Hatyra we hormatlama güni ýurdumyz Prezidenti Islam Karimow bu ýere ýörite gelip, Gamgyn ene heýkeliniň aşagyna gül goýýar, faşizme garşy uruşda heläk bolan watandaşlarymyzyň hatyrasyna hormat berjaý edýär. Şonuň bilen birlikde, bu ýere zyýarata gelen uruş we zähmet weteranlary, ýaşlaryň wekilleri bilen duşuşyp, içgin söhbetleşýär.

## SAMARKANTDAKY IŇ GADYMY METJIT

Taryhy çeşmelere görä, Hezreti Hyzr metjidi gadymy Samarkant topragynda gurlan birinji metjit eken. Köp ýyllaryň dowamynda garawsyz galyp gideni üçin ep-esli dökülip, bozulyp galan bu köne we seýrek ýadygärlik döwletimiziň ýolbaşçysynyň tabşyrmagy bilen düýpli täzeden abatlandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Işiň gidişinde hünärmenler metjidiň käbir köne sütünlerini çalşyrmagy teklip etdiler. Ýurtbaşymyz bu meselä uly gyzyklanma bilen garap, ine şu sütünleri ýörite öwrenip çykýar. Soňra sütünleriň nagyşlarynyň we bezegleriniň milli hünärmentçilik däplerimize laýyk däldigine, köpräk Tunis ýa-da Marokko döwletlerinde şekillenen usuly ýatladýandygyna üns berip, olary täzeden işlemek barada ýumuş berýär. Şeýdip kokantly ussalar metjidiň sütünlerini milli binagärçilik däplerimiz usulynda işläp, täzeden ýerine ornaşdyrdylar. Bu bolsa şu gadymy topluma aýratyn görk we görnüş berdi.



**Hezreti Hyzr metjidi**

Ýurdumyzda Termiz şäherindäki Hekim Termizi, Buhara topragyndaky Abdulhalyk Gijduwany we Bahaweddin Nagyşbendi, Samarkantdaky Ymam Buhary, Ymam Moturidiý, Margilandaky Burhaniddin Marginany ýadygärlik toplumlary ýaly ençeme beýik zyýaratgähler bar. Olar ýurdumyzyň dürli şäherlerinden we obalaryndan, daşary ýurtlardan gelýän adamlar üçin mübärek zyýaratgäh hasaplanýar. Ýurtbaşymyz Islam Karimow «Ýokary ruhy – ýeňilmez güýç» kitabynda bu mukaddes mesgenler barada aýratyn durup geçip, aşakdaky pikirleri nygtaýar:



**Burhaniddin Marginanynyň hatyra ýadygärligi**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***«Halkymyzyň durmuşynda çuňňur yz galdyran, bu günki günde giň manyda mukaddes zyýaratgählere öwrülen şeýle toplumlar ruhy älemimizi ösdürmäge uly goşant bolup goşulýar, diýsek, her taraplaýyn dogry bolar»***[1].

Hakykatdan hem, bu zyýaratgähler diýarymyzyň topragyny, eždatlarymyzyň hatyrasynyň nähili mukaddesdigini delillendirip, bizi bu ýurdy söýüp, aýap ýaşamaga, beýik ata-babalarymyzyň däplerine mynasyp bolmaga ündeýär.

## *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Nähili ýerlere mukaddes zyýaratgähler diýýäris?
2. Siziň şäheriňizde ýa-da welaýatyňyzda hem şeýle mesgenler barmy?
3. Şu suratlaryň haýsysynda Hatyra meýdany suratlandyrylypdyr?


1

2

3

4

4. Şu suratlaryň haýsy birinde Hezreti Hyzr metjidi görkezilen?


1

2

3

4

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 156-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Biz – beýik taryhyň eýesidiris» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 97–101-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 84–90-njy sahypalar.

3. Islam Karimow. Bizning ezgu maqsadimiz – taraqqiy topgan davlatlar qatoriga kirishdan iborat. Daşkent, «O‘zbekiston», 2010-njy ýyl, 3–12-nji sahypalar.

4. Vatan va millat muqaddasdir. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 4–10-njy sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TARYHY HATYRA

Eziz okuwçy, taryh – geljegiň aýnasy, diýen jümläni eşidensiňiz. Munuň manysy şundan ybarat, ýagny, taryh adamyň gözüni açýar, geçmişden sapak çykaryp ýaşamaga çagyrýar.

**Taryhy hatyra özüniň kimligi, gelip çykyşy, alys we ýakyn taryhyny hemişe ýatda saklap ýaşamak duýgusy, ukybydyr.**

**Taryhy hatyrasy bar adam güýçli adam.**

**Taryhy hatyrasyny ýitiren adam özlügini, halkyny, Watanyny, azatlygyny hem ýitirýär we mankurda öwrülýär.**

*Mankurt gadymy söz bolup, taryhy hatyrasyny ýitiren, ata-babasyny, özüniň kimligini ýatdan çykaran adamlary aňladýar.*

Öňki sütemkär düzüm döwründe halkymyzyň taryhy galplaşdyrylyp, bizi ýalan sözlere we töhmetlere ynandyrmakçy bolýardylar. Batyr we magaryfperwer eždatlarymyz, her näçe basyşlara we yzarlamalara seretmezden, halkymyzyň hakyky taryhyny öwrenmäge çalyşýardylar. Hut şeýle ymtylyş sebäpli ata-babalarymyzyň kalbynda garaşsyzlyk gazanmak arzuwy iň beýik arzuw bolup geldi.

Prezidentimiz Islam Karimow taryhyň ynha şeýle ajy tejribelerinden gelip çykmak bilen, bizi, bu günki nesilleri şeýle pajygalardan ägä edýär.

***«Dünýädäki zulumkär we agressiw güýçler haýsy bir halky ýa-da ýurdy özüne tabyn edip, boýun egdirmekçi bolsa, onuň***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***baýlyklaryny eýelemekçi bolsa, ilki bilen, ony ýaragsyzlandyrmaga, ýagny, iň beýik baýlygy bolan milli gymmatlyklaryndan, taryhyndan we ruhyýetinden aýyrmaga dyrjaşýar»***[1]**.**

Hakykatdan hem, bu günki günde daş-töweregimizde, dünýäde bolýan waka-hadysalara nazar taşlaýan bolsak, şeýle duýduryşlaryň ýöne ýerden däldigini tüýs ýürekden duýýarys. Ýagny, bir wagtlar kolonizatorlar halkymyzy taryhy hatyrasyndan jyda etmäge çalyşanlary ýaly, häzirki wagtda terrorizm, ekstremizm, dini fanatizm, ahlaksyzlyk, neşekeşlik, «köpçülikleýin medeniýet» diýen nykap astynda girip gelýän nogsanlar hem hut şeýle ýowuz maksatlary gözleýär.

Taryhy hatyrasyny ýitiren halk edil köki kesilen daragt ýaly derrew gurap galýar. Ol dünýädäki göreşlere we ýaryşlara gaýtawul berip bilmeýär.

**Taryhy hatyra her minutda adamyň kimligini, nähili beýik halka degişlidigini, kimleriň neslidigini ýatladyp durýar. Adamy, halky öz mertebesini we buýsanjyny, ar-namysyny gorap ýaşamagy başarmaga ündeýär.**

Taryhy hatyra duýgusy dünýädäki ähli halklara mahsusdyr. Olar hut şu duýgy arkaly ata-babalarynyň ruhuny, olaryň däplerini we gymmatlyklaryny duýup ýaşaýar. Uzak Ýaponiýadan gelip, Surhanderýadaky köne Dalwarzindepede we Garadepede arheologik gazuw işlerini alyp barýan Kýudzo Kato mysalynda bu pikiriň tassyklamasyny görmek bolar. Ýaşy 80-den geçen bu goja alymy öz öýüni, ýakynlaryny taşlap ýurdumyza gelmäge, uzak ýyllaryň dowamynda laý, toprak gazyp, jöwzaly yssy, gazaply sowuk diýmezden, gadymy depeleriň jümmüşini ädimme-ädim köwläp, ylmy gözlegler alyp barmaga mejbur eden zat näme? Taryhy hatyra duýgusy.

---

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 11-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Afrosiýab depesinden tapylan gadymy diwar suraty**

Gadymy Kuşanlar döwleti wagtynda Surhan topragynda buddizm dini gülläp ösüpdir. Buddizm bolsa Ýaponiýada eždatlaryň köne taglymaty hökmünde gadyrlanýar. Kato damla ynha şu taglymata degişli maddy ýadygärlikleri tapyp, öz ata-babalarynyň taryhy hatyrasyndaky üzülip galan arabaglanyşygy dikeltmekçi. Bu – hakyky janypkeşlikdir. Bu ylym janypkeşi halkymyzyň baý taryhy, gadymy ýadygärlikleri hemde medeni mirasyny çuňňur öwrenmek we daşary ýurtlarda wagyz etmekdäki uly hyzmatlary, Özbegistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky ylmy aragatnaşyklary ösdürmäge goşan netijeli goşandy üçin ýurdumyzyň Prezidentiniň permanyna görä «Dostluk» ordeni bilen sylaglandy.

Ýene bir mysal. Ýurdumyzdan dürli sebäpler bilen daşary ýurda äkidilen gaýtalanmaz milli medeniýetimiz nusgalary köp. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap Ýurtbaşymyz tarapyndan olary ýurdumyza gaýtaryp getirmek meselesi möhüm wezipe edilip goýuldy. Şu maksatda Aly Mejlisiň huzurynda ýörite komissiýa düzüldi. Şu komissiyanyň agzalary dünýäniň iň iri medeni merkezleri – London, Pariž, Berlin, Moskwa, Sankt-Peterburg, Nýu-Ýork, Deli, Tähran, Kair we başga ençeme şäherlerde milli mirasymyzyň müňlerçe seýrek nusgalary saklanýandygyny anykladylar we olaryň uly bölegi ýurdumyza gaýtaryp getirildi. Indi olar halkymyzyň taryhy hatyrasyny pugtalandyrmaga, özlügimize çuňňur akyl ýetirmegimize hyzmat edýär.

Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň biz taryhymyzy çynlakaý we halys öwrenmek mümkinçiligine eýe bolduk. Indi biz ata-babalarymyzyň kim bolandygyny, olaryň dünýäniň ösüşine nähili goşant goşandygyny anyk göz öňüne getirip bilýäris. Bu biziň taryhy hatyrasyna eýe, erkin we azat halk bolup ýaşaýandygymyzy delillendirýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Buhara. Minarai Kelan**

**Beýik taryhy bilmek, edil deňziň düýbünden gymmat bahaly daşlary ýygnan ýaly, onuň düýbünden asyl hakykatlary gözläp tapmak hem bizden uly güýç-gaýrat we edermenlik talap edýär.**

Näçe kyn we çylşyrymly bolsa-da, bu işe merdana bil baglamalydyrys, taryhy hatyramyzy baýlaşdyryp, pugtalandyryp barmalydyrys. Çünki taryhy hatyrasy güýçli bolan halk geljek ýolunda azaşmaýar, hiç kime tabyn bolmaýar.

**«Öz taryhyny bilmeýän, düýnki gününi unudan milletiň geljegi ýok»[1].**

Taryhy hatyranyň kömeginde biz eždatlarymyz bilen gaýybana görşüp, söhbet gurap, dünýäniň näçe-näçe syrlaryndan habarly bolmaga, beýik halkdygymyza, mukaddes Watanyň perzendidigimize buýsanyp, başymyzy dik tutup ýaşamaga näme ýetsin!

---

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 4-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ? Soraglar we ýumuşlar:

1. «Taryh – geljegiň aýnasydyr» diýen sözleri düşündirip beriň.
2. Näme üçin taryhy beýik bolan halkyň geljegi-de beýik bolýar, diýýäris?
3. Halkymyzyň taryhynyň beýik we gadymydygy nämelerde aýdyň görünýär?
4. Taryhy hatyra diýende nämäni düşünýärsiňiz?
5. Garaşsyzlyk taryhy öwrenmek babatda nähili mümkinçilikleri berdi?
6. Taryhy hatyrasy güýçli halky ýeňip bolarmy?
7. Şu suratlaryň arasynda taryhy hatyramyzy oýarmaga hyzmat edýänleri haýsylar?




### «Eždatlar hatyrasyna hormat» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 41–48-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 84–86-njy sahypalar.

3. Muqaddas dinimizga yuksak e’tibor va ehtirom. Daşkent, Daşkent yslam uniwersiteti neşirýaty, 2010-njy ýyl, 10–15-nji sahypalar.

4. Usmanhan Alimow. Hazrati Imom (Hastimom). Daşkent, «Mova-rounnahr» neşirýaty, 2008-nji ýyl, 28–32-nji sahypalar.

5. Ykbal Mürze. Agar jannat ko‘kda bo‘lsa... Daşkent, «Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasy baş redaksiýasy, 2010-njy ýyl, 12–18-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GADYMY REGISTAN

Eziz okuwçy, ýurdumyzda her biri bütin bir taryh we medeniýet tymsaly bolan gadymy şäherler köp. Bu şäherlerdäki deňi-taýsyz taryhy ýadygärlikler biziň bahasyna ýetip bolmaýan baýlygymyzdyr. Olaryň arasynda Registan meýdany aýratyn orun tutýar.

*«Registan» sözi pars dilinden alnan bolup, maýda daş düşelen ýer diýen manyny aňladýar.*

**Registan gadymda adamlar toplanýan, hökümdarlaryň köşgüne ýakyn ýerde ýerleşen merkezi meýdan hasap-lanypdyr.**

Registan meýdany Buhara şäherinde hem bar. Gadymda bolsa Şährisebz, Nasaf, Daşkent şäherlerinde-de şeýle meýdanlar bolupdyr. Olardan iň meşhury we doly saklanyp galany Samarkant şäherindäki Registan toplumydyr.

**Registan şäheriň ortasynda ýerleşeni we ençeme taryhy wakalar hut şu meýdan bilen bagly bolany üçin ol Samarkandyň ýüregi diýlip hem atlandyrylýar.**

Registan meýdanynda üç sany beýik ýadygärlik bar. Olardan iň gadymysy Mürze Ulugbek medresesidir. Ol meýdanyň günbatar tarapynda ýerleşen bolup, ýokary portaly gündogar tarapa garaýar.

**Ulugbek medresesi 1417—1420-nji ýyllarda Mürze Ulugbek tarapyndan gurdurylany üçin beýik eždadymyzyň ady bilen atlandyrylýar.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Samarkant. Registan meýdany**

Mürze Ulugbek Mawerannahryň hökümdary bolan döwürlerde bu medrese özboluşly akademiýa hökmünde şöhrat gazanypdyr.

---

*«Mawerannahr» – arap dilinden girip gelen söz bolup, derýanyň aňyrsyndaky ülke diýen manyny, Syrderýa bilen Amyderýanyň aralygyndaky çägi aňladýar.*

---

Musulman dünýäsindäki beýik alymlar, şahyrlar, dini ulamalar bu medresä gelip ders beripdir, ylmy, döredijilik işi bilen meşgullanypdyr. Mürze Ulugbek bilen bile Kazyzada Rumy, Jemşit Kaşy, Ali Guşçy ýaly alymlar bu ýerde talyplary okadypdyrlar. Soňluk bilen beýik akyldar şahyrymyz Alyşir Nowaýy hem Samarkanda gelip, şol medresede tälim alypdyr.

Mürze Ulugbek medresesi gurlandan soň aradan iki asyrdan gowrak wagt geçip, 1619–1636-njy ýyllarda Samarkandyň häkimi Ýalaňtoş Bahadyrhan ilki Şirdar medresesini gurdurýar. Bu ýadygärlik Registan meýdanynyň gündogar tarapyna gurlan bolup, Mürze Ulugbegiň medresesiniň garşysynda ýerleşýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Medresäniň maňlaýyna keýigi kowalap barýar şiriň teswiri düşürlendigi üçin ol Şirdar medresesi diýen ady alypdyr.**

Meýdanyň demirgazyk tarapynda Ýalaňtoş Bahadyrhan 1646–1660-njy ýyllarda ýene bir ullakan ýadygärlik – Tyllakori medrese-metjidini gurdurýar.

**Bu binanyň içki we daşky bezegleri tylla çaýylyp işlenendigi üçin ol Tyllakori diýlip atlandyrylýar.**

Registan meýdanyna gadam bassaňyz, bu üç seýrek ýadygärlik bir-birine gaty utgaşykdygyny duýarsyňyz, olaryň özüne çekiji gözelligine haýran galarsyňyz.

Garaşsyzlyk ýyllarynda şu meýdan we onuň daş-töwereginde uly gurluşyk we abadanlaşdyryş işleri amala aşyryldy. Şonuň netijesinde bu mesgen has-da owadanlaşdy.

Registan gadym zamanlardan bäri köpçülikleýin seýiller, ylmy-magaryf maslahatlary geçirilýän beýik medeni merkez bolup gelipdir. Häzirki günde bu däpler dowam edýär. Aýratynam, 1997-nji ýyldan bäri Registan meýdanynda geçirilip gelinýän «Gündogar heňleri (Şark taronalary)» halkara saz festiwaly bütin dünýä saz sungatynyň görnükli wekilleriniň abraýly maslahatyna öwrülip barýar.



Samarkant şäherinde Registandan daşary Şahizinda ýadygärlik toplumy, Emir Temuryň kümmeti, Ymam Moturidiniň ýadygärlik toplumy, Afrosiýab depesi ýaly ençeme taryhy mesgenler bar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ADAM ÖZ ÖMRÜNIŇ DOWAMYNDA HÖKMAN BARYP GÖRÄÝMELI BOLAN ŞÄHER



**«Gündogar heňleri» halkara saz festiwaly**

Eziz okuwçy, siz gadymy Samarkant baradaky «Ýer ýüzüniň saýkaly (görki)», «Rimiň deňdeşi», «Şerif şäher» diýen taryplary eşidensiňiz, elbetde. Garaşsyzlyk döwründe olaryň ýanyna täze taryplar goşulýar. Meselem, 2014-nji ýylyň 7-nji iýulynda Amerikanyň Birleşen Statlarynyň dünýä meşhur «Haffington post» internet neşiri Samarkandy adam öz ömrüniň dowamynda hiç bolmanda bir gezek baryp görmegi hökman bolan dünýädäki 50 şäheriň biri hökmünde ykrar etdi we ynha şeýle şäherleriň sanawyna girizdi.

Diýmek, bu günki günde Samarkant barada gürrüň edilende, ony dünýädäki adam öz ömrüniň dowamynda hökman baryp görämeli bolan şäherlerden biri, diýip buýsanç bilen taryplasak ýerlikli bolar.

Netije çykaryp aýdanda, ýurdumyzdaky Registan ýaly ullakan taryhy ýadygärlikler milli özlügimizi, halkymyzyň dünýäde hiç kimden kem bolmandygyna we kem bolmajakdygyna akyl ýetirip ýaşamaga hyzmat edýär.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Registan meýdany näme üçin Samarkandyň ýüregi diýlip atlandyrylýar?
2. Bu ýerde näçe beýik ýadygärlik gurlupdyr?
3. Mürze Ulugbegiň medresesi näme üçin hut şu at bilen atlandyrylýar?
4. Mürze Ulugbegiň medresesiniň garşysynda nähili ýadygärlik ýerleşen?
5. Tyllakori medrese-metjidi näme üçin şeýle atlandyrylýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6. Şirdar we Tyllakori ýadygärlikleri kim tarapyndan gurlupdyr?
7. Samarkant şäherine suratlarda görkezilen haýsy transport serişdeleri bilen barmak mümkin?



1


2


3



4

## «Samarkant – Ýer ýüzüniň saýkaly (görki)» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 152–154-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Eserler, 15-nji jilt. Daşkent, «O‘zbekiston», 2007-nji ýyl, 303–314-nji sahypalar.

3. O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi, 7-nji jilt. Daşkent, «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» döwlet ylmy neşirýaty, 2004-nji ýyl, 457–460-njy sahypalar.

4. Samarkant – 2750. Daşkent, «Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasynyň baş redaksiýasy, 2007-nji ýyl.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GAÝTALAMAK

## «IŇ BEÝIK, IŇ EZIZ GÜN» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

?

1. Ýurdumyzdaky haýsy baýramy iň beýik, iň eziz gün hökmünde belläp geçýäris?
2. Ýurdumyzda giň bellenilýän ýene nähili baýramlary bilýärsiňiz?
3. Owgan gyzy näme üçin niýetine ýetip bilmedi?
4. Özbegistanda gyzlar nähili tälim-terbiýe alýarlar?
5. Ýurdumyzda näçe sazçylyk we sungat mekdebi bar?
6. «Özbegistanyň mekdepleri» tekstiniň mazmuny barada aýdyň.
7. Suratlara garap, garaşsyzlyk beren mümkinçilikler barada aýdyp beriň.




## TESTLER

**1. Haýsy baýramy iň beýik, iň eziz gün hökmünde belleýäris?**

A) Nowruz baýramy
B) Garaşsyzlyk güni
C) Konstitusiýa güni
D) Mugallymlar we terbiýeçiler güni

**2. Haýsy baýramlar ýurdumyzda giňden bellenilýär?**

A) BMG döredilen gün
B) ÝUNESKO döredilen gün
C) Gawun seýli
D) Garaşsyzlyk güni, Konstitusiýa güni, Watan goraýjylary güni, Halkara aýal-gyzlar güni, Nowruz, Hatyra we hormatlama güni



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3. Ýurdumyzda näçe ýyllyk umumy mejbury bilim ulgamy girizilen?**

A) 9 ýyllyk
B) 3 ýyllyk
C) 5 ýyllyk
D) 12 ýyllyk

**4. Dünýäde haýsy günä geçilmeýär?**

A) Ýaltalyk
B) Biperwaýlyk
C) Gorkaklyk
D) Hyýanat

## «GARAŞSYZLYGYMYZ EBEDI BOLSUN!» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Suratlar esasynda biziň üçin bakylyga dahylly bolup duýulýan görnüşler barada aýdyp beriň.




2. Biz näme üçin gowy zatlaryň ebedi bolmagyny isleýäris?
3. Eždatlarymyz nähili şertlerde misli görülmedik üstünlikleri gazanypdyrlar?
4. «Biz mundan beýläk köneçe ýaşap bilmeris we şeýle ýaşamaga döwrüň özi ýol bermeýär» diýen sözleri kim we haçan aýdypdyr?
5. «Özbegistan garaşsyzlyk gazanmagyň bosagasynda» kitabynyň awtoryny aýdyň.
6. Emir Temur babamyz haýsy sözleri bilen öz işiniň bakylyga dahyllydygyny nygtapdyr?
7. Mürze Ulugbek babamyzyň nähili sözleri?
8. Nusgawy akyldar şahyrymyz Alyşir Nowaýynyň «Kyýamata ýetýänçä ähli adamlar, Ýazarlar anyň ahkomidin ahkom» diýen setirleriniň manysyny düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TESTLER

**1. Prezidentimiz Islam Karimowyň garaşsyzlyk gazanmagyň öňüsyrasynda aýdan sözlerini tapyň.**

A) «Zähmetden gelse baýlyk, durmuş bolar owadan»
B) «Özbegistan –gelejegi beýik döwlet»
C) «Belent ruh – ýeňilmez güýç»
D) «Biz mundan beýläk köneçe ýaşap bilmeris we şeýle ýaşamaga döwrüň özi ýol bermeýär»

**2. Emir Temur babamyzyň sözleri getirilen hatary tapyň.**

A) «Mert meýdanda bilner»
B) «Özbegistan –Allanyň nazary düşen ýurt»
C) «Altyn otda, adam zähmetde synalar»
D) «Kim biziň güýjümize şübhe etse, guran ymaratlarymyza baksyn»

**3. «Öz işimi mynasyp nesillerime galdyrdym» diýen sözleri kim aýdypdyr?**

A) Emir Temur
B) Alyşir Nowaýy
C) Abdulla Kadyry
D) Mürze Ulugbek

**4. Alyşir Nowaýynyň «Kyýamata ýetýänçä ähli adamlar, Ýazarlar anyň ahkomidin ahkom» diýen setirleri kime bagyşlanan?**

A) Perhada
B) Emir Temura
C) Hüseýin Baýkara
D) Mürze Ulugbege

## «WATANYMYZYŇ PAÝTAGTY» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Daşkent şäherinde näçe tümen bar?
2. Gadymda Daşkent nähili atlar bilen atlandyrylypdyr?
3. Daşkent şäheriniň näçe derwezesi bolupdyr?
4. Daşkentde ýaşap geçen beýik alymlar, eziz-keramatlylardan kimleri bilýärsiňiz?
5. Garaşsyzlyk ýyllarynda Daşkent nähili şähere öwrüldi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6. Paýtagtymyzda nähili ýokary häkimiýet organlary, merkezi edaralar işleýär?
7. Daşkendi näme üçin ýaşlar şäheri diýýäris?
8. Suratlara garap, bu günki günde haýsy mesgeni «Daşkendiň howa derwezesi» diýýändigimizi aýdyň?


1



2


3


4

## TESTLER

**1. Daşkent şäherinde näçe tümen bar?**

A) 10 sany
B) 11 sany
C) 5 sany
D) 4 sany

**2. Gadymda Daşkent nähili atlar bilen atlandyrylypdyr?**

A) Çaç, Şaş, Binkat
B) Çilanzar, Mirabat, Ýangiabat
C) Çyrçyk, Syrderýa
D) Daşkent, Çinaz, Piskent

**3. Watanymyzyň durmuşyna degişli haýsy iň möhüm waka Daşkent şäherinde bolupdyr?**

A) Özbegistanyň garaşsyzlygynyň yglan edilmegi
B) Futbol boýunça jahan çempionaty
C) Emir Temuryň 700 ýyllyk toýuna bagyşlanan dabaralar
D) BMG-nyň Müňýyllyk sammiti

4. **Gadymda Daşkendiň näçe derwezesi bolupdyr?**

A) 12 sany
B) 15 sany
C) 10 sany
D) 8 sany



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «BEÝIK ZYÝARATGÄHLER» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

?

1. Hezreti Ymam toplumyndaky haýsy ýadygärligiň goşa minarasy bar?
2. Bu toplum nirede ýerleşen?
3. Mukaddes Usman Gurhany nirede saklanýar?
4. Hezreti Ymam toplumynda ýene nähili taryhy ýadygärlikler bar?
5. Şu suratlaryň arasynda Hezreti Ymam toplumy görkezilenmi?


1


2


3


4

6. Hatyra meýdanynda nähili heýkel bar?
7. Hatyra meýdanynda Ikinji jahan urşunda heläk bolan näçe watandaşymyzyň atlary ýazylypdyr?
8. Şu suratlaryň içinden Gamgyn ene heýkelini tapyň.


1


2


3


4

9. Samarkantdaky iň gadymy metjidiň adyny aýdyň.

### TESTLER

**1. Hezreti Ymam toplumy ýerleşen şäheri tapyň.**

A) Samarkant B) Karşy C) Daşkent D) Andijan

**2. Haýsy ýadygärlik goşa minaraly ýadygärlik hasaplanýar?**

A) Gögeldah
B) Hezreti Ymam juma metjidi
C) Emir Temuryň kümmeti
D) Ymam Moturidiniň ýadygärlik toplumy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3. Usman Gurhany haýsy kitaphanada saklanýar?**

A) Özbegistanyň Milli kitaphanasy
B) Temuriler taryhy döwlet muzeýi
C) Özbegistanyň Milli uniwersitetiniň kitaphanasy
D) Moýi mübärek medresesindäki muzeý-kitaphana

**4. Haýsy heýkel Hatyra meýdanynda ýerleşen?**

A) Gamgyn ene
B) Bagtyýar ene
C) Il-ýurt daýanjy
D) Watana kasam

## «ÖZBEGISTAN MILLI BAGY» TEMASY BOÝUNÇA SORAG WE ÝUMUŞLAR

1. Özbegistanyň Milli bagy kimiň adyny göterýär?
2. Milli bagda haýsy beýik şahyrlaryň we ýazyjylaryň heýkelleri bar?
3. Şu suratlaryň içinden Özbegistanyň Milli bagyndaky heýkeli tapyň.


1


2



3

4. Milli bagdaky amfiteatrda haýsy umumhalk baýramlarymyz bolup geçýär?
5. Emir Temuryň alleýasy nirede ýerleşen?
6. Şu alleýa kimiň heýkeli oturdylan?
7. Suratlaryň içinden Emir Temuryň alleýasyndaky heýkeli tapyň.


1


2


3


4

8. «Özbegistan» halkara maslahatlar köşgi haçan gurlan?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TESTLER

**1. Özbegistan Milli bagynyň umumy meýdany näçe gektar?**

A) 50 gektar
B) 15 gektar
C) 69 gektar
D) 70 gektar

**2. Milli baga haýsy şahyrlaryň we ýazyjylaryň heýkelleri goýlan?**

A) Babur Mürze, Abdulla Kadyry
B) Alyşir Nowaýy, Abdulla Kahhar, Aýbek, Said Ahmet we Saida Zunnunowa
C) Zulfiýa we Hamid Alymjan
D) Çolpan, Gafur Gulam
E) Emir Temur we Mürze Ulugbek

**3. Haýsy beýik eždadymyzyň heýkeli Emir Temur alleýasyna goýlan?**

A) Alyşir Nowaýy
B) Aýbek
C) Emir Temur
D) Mürze Ulugbek

**4. Daşkent şäheriniň näçe ýyllyk ýubileýi bellenip geçildi?**

A) 2000 ýyllygy
B) 2500 ýyllygy
C) 2700 ýyllygy
D) 2200 ýyllygy

### «TARYHY HATYRA» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

?

1. Mankurt sözi nähili manyny aňladýar?
2. Kýudzo Kato kim?
3. Şu suratlarda haýsy taryhy ýadygärlikler görkezilen?


1


2


3


4



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TESTLER

**1. Nähili duýgy eždatlarymyzy hakyky taryhymyzy bilmäge ündäpdir?**

A) Mirasdüşerlik duýgusy
B) Özlük duýgusy
C) Taryhy hatyra duýgusy
D) Adalat duýgusy

**2. Mankurt sözüniň manysy haýsy hatarda dogry berlipdir?**

A) Taryhy hatyrasyny ýitiren adam
B) Elsiz-aýaksyz adam
C) Gözi görmeýän adam
D) Ýoluny ýitiren adam

**3. Kýudzo Kato kim?**

A) Özbek alymy
B) Ýapon alymy
C) Hytaý taryhçysy
D) Ýapon ýazyjysy

**4. «Öz taryhyny bilmeýän, düýnki gününi unudan milletiň geljegi ýok» diýen sözler Prezident Islam Karimowyň haýsy eserinden alnan?**

A) «Alla kalbymyzda, ýüregimizde»
B) «Özbegistan: XXI asyryň bosagasynda»
C) «Belent ruh – ýeňilmez güýç»
D) «Özbegistan – geljegi beýik döwlet»

### «REGISTAN MEÝDANY» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

?

1. Registan meýdany nirede ýerleşen we ony ýene nähili at bilen atlandyrýarlar?
2. Mürze Ulugbegiň medresesi kim tarapyndan gurlan we onda kimler ders beripdir?
3. Alyşir Nowaýy nirede okapdyr?
4. «Registan» sözüniň manysyny aýdyň.
5. Taryhda ýene haýsy şäherlerimizde Registan meýdanlary bolupdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6. Şu suratlara garap, Ulugbek, Şirdar we Tyllakori medreseleri meýdanyň haýsy tarapynda ýerleşendigini aýdyp, görkeziň.







## TESTLER

**1. Haýsy medrese Registan meýdanynda ýerleşen?**

A) Gögeldaş
B) Bibihanym
C) Mürze Ulugbek
D) Mir Arap

**2. Şir ady bilen atlandyrylýan medrese haýsy jogapda dogry berlipdir?**

A) Mürze Ulugbek
B) Abulkasym
C) Moýy mübärek
D) Şirdar

**3. Haýsy medrese gymmat bahaly metalyň ady bilen bagly?**

A) Şirdar
B) Gögeldaş
C) Mürze Ulugbek
D) Tyllakori

**4. Registan meýdanynda bolup geçýän halkara festiwal nähili atlandyrylýar?**

A) «Gündogar-günbatar»
B) «Jahan sazy»
C) «Gündogar teatry»
D) «Gündogar heňleri»



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

* * *

*Eziz okuwçy, aşakda siziň dykgatyňyza hödürlenýän eser hem Watan baradaky bilimleriňizi we düşünjeleriňizi berkider, diýip oýlaýarys.*

***Azat Şarafiddinow***

## ÖLSEM-DE AÝRYLMAN GUJAKLARYŇDAN

Jadyly saz ýaly ýaňlanýan bu ajaýyp sözleri ilkinji gezek çagalygymda – uruş başlanan ýylda eşidipdim. Ýaş tomaşaçylar teatrynyň Eski Jowadaky almysakdan galan darajyk zaly. Adam hyryn-dykyn. Sahnada pes boýly, külçe ýüzli, mylaýym artist gözleri ýanyp duran, sesini bir galdyryp, bir peseldip, tolgunmak bilen goşgy okaýar.

**Watan – ene sözi gör neneň leziz,**
**Sensiň her zatdan-da mähirli, eziz,**
**Hormatyňy saklar her bir oglan-gyz,**
**Mukaddes, mähriban, beýik Watanym,**
**Ölsem-de aýrylman gujaklaryňdan.**

Köp wagt geçmän, teatryň zalynda oturanym hem, goşgyny sahnada artist okaýany-da unut boldy. Goşgy misreleri, aýratynam, her bendiň ahyrynda gaýtalanýan «Ölsem-de aýrylman gujaklaryň-dan» diýen jümle göýä ýüregimde döräp, içimden joşup çykýan ýalydy. Üç sany ýönekeý sözden ybarat bu ýalkymly ýüzlenme goşgy däl-de, bütin ömür amal edilýän dabaraly kasam ýaly ýaňlanýardy.

Soň çyndan-da şeýle boldy – Uýgunyň galamyna degişli bu misre bütin ömrüm dowamynda maňa hemra bolup gelýär. Gadamym ýetip baran dürli mekanlarda, dürli şertlerde bu misre menden soramazdan, birden kalbymda ýaňlanyp gidýär. Şonda, ýurdumyzyň sahy güneşinden lezzet alýan ýaşyl meýdanlar ýaly, göwnüm ýagtylanyp gidýär. Damarlarymda täze güýç peýda bolan ýaly joşup, özümi şähdaçyk duýup başlaýaryn.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Watan. Watan duýgusy. Watana bolan söýgi. Bular näme? Bular nähili jadyly gudrat bolup, entek kemala gelmedik, dünýäni görmedik, durmuşyň çarkandaklaryndan habarsyz, oýundyr şadyýanlyklardan özge derdi ýok bir ýetginjegiň ýüregine ýerleşip, bütin ömür onuň hereketlerini, gylyk-häsiýetini dolandyryp durýar. Bu duýgy adam perzendinde dogabitdi bolýarmyka? Ýa-da bäbek gäwşäp-gäwşäp enesini emende, ene süýdi bilen bile bu duýgy onuň hem damarlaryna ýugrulýarmyka? Umuman, «Watan» diýeniň özi nedir? Dogduk öýüňmi? Bişikdäki gulagyňa giren gaýgyly we şol bir wagtda nurly hüwdümi? Mamaňyzyň ertekilerimi? Mekdepmi? Aşyklaryň ilkinji duşuşyk pursatlaryna şaýat bolan ajaýyp alleýalarmy?

Elbetde, bularyň hemmesi we ýene birnäçe zatlar birleşip, Watan diýen duýgynyň sönmez tymsalyny döretse gerek. We ýene oýlanýaryn, ýagny çaganyň ýaş kalbyndaky ilkinji gezek peýda bolan Watan tymsaly her näçe ýagty bolsa-da, entek özüniň asyl keşbini doly tapyp ýetişmedik bolýar. Watan duýgusy adamyň özi bilen bile ösüp-ulalýan duýgy bolýan eken. Tejribäňiz artdygy saýyn, durmuş gazanynda gaýnap, bişişip bardygyňyz saýyn Watany köpräk gadyrlaýan bolýarsyňyz, ol baradaky düşünjeleriňiz barha dolup, giňelip, baýlaşýar. Watan duýgusy bütin endamyňyzy gurşap alýar, her bir öýjügiňize kök atýar. Siz indi Watanyň nähili joşgunly ýaşlyk pursatlary bilen bagly ajaýyp mesgendigine aň ýetirip başlaýarsyňyz. Adam hem nahal ýaly esasysy – ony gögerdip-ösdürýän ene toprak bar, güneş, suw, howa ony öz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nygmatlaryndan eçilýär. Şonuň üçin bularyň ählisi adam üçin eziz we gadyrly. Ýöne bular entek gutarnykly Watan däl.



**Özbegistanyň Gahrymanlary – Prezident Islam Karimow we edebiýatşynas alym Azat Şarafiddinow**

Adamzat şeýle döredilen bolup, ol başgalardan aýry ýagdaýda, ýeke-ýalňyz, ýüzüni çytyp güzeran geçirip bilmeýär. Dogry, adamlaryň arasynda terki dünýä edýänleri, ýalňyzlygy söýýänleri, hiç kimi jyny almaýanlary hem bar. Emma olar her näçe ýalňyz bolsa-da, ilýurtdan ýüz öwrüp, her näçe gowaklary mekan edinse-de, barybir, müňlerçe ýollar arkaly dünýä bilen bagly bolýar. Hatda, ömrüniň ýarysyny küýzede ýaşap geçiren gadymky grek filosofy Diogen hem, barybir, şägirtleri bilen, başga filosoflar bilen aragatnaşykda bolupdyr. Ata-eneler, perzentler, garyndaş-uruglar, tanyş-bilişlerdir dost-ýarlar islendik adamyň durmuşyna dürlüçe many berýär. Adam olary gowy görmegi, olar bilen agzybir ýaşamagy mümkin, olary halamazlygy-da mümkin. Ýöne, näme bolanda-da, olaryň hemmesinden ýüz öwrüp, bütinleý olary ret edip bolmaýar...

Watana bolan söýgi, enä bolan söýgi ýaly, mukaddes we ýokary duýgudyr. Enä bolan söýginiň şeýle bir özboluşlylygy bar, ýagny adam bu duýgusy barada äleme jar salyp, hemmäni ondan habarly edibermeýär, hatda enesiniň özüne-de her gün «Enejan, men sizi janymdan artyk gowy görýärin» diýibermeýär. Ýöne her gün enesine bolan aladasyny, mähribanlygyny, sahawatyny we hormatyny işi bilen, gep-sözleri, hereketleri bilen amalda ýüze çykarýar.

Watana bolan söýgi hem şeýle: ol hemmä öwünmeýär, ol barada dabaraly bildirişler çap edilmeýär, her ädimde adam döşüni kakyp, Watana aşyklygyny äşgär etmeýär. Medeniýetiň ýokary basganças-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

laryna göterilen jemgyýetlerde adamlar öz Watanyna bolan söýgüsini galmagal etmän, öwünmezden ýüze çykarýar. Watana bolan söýgi bazarda satylýan mata däl-de, eýsem adamyň kalbynyň töründe kir ýokdurman arassa saklanýan iň nepis, iň inçe bir duýgudyr...

Watany söýmek we aýratynam, ony amalda ýüze çykarmak onçakly aňsat iş däl. Bu adamdan örän uly edermenligi, dözümliligi we çydamlylygy talap edýär. Watan öz perzentlerinden her aýda, her hepdede, her sagat, her sekuntda jan pida etmegi talap etmeýär. Watan ugrunda bolup geçýän şeýle janypkeşlik iň ýokary, iň belent janypkeşlik bolup, ol adatdan daşary ýagdaýlarda bolup geçýär...

Adam ata-enesini saýlap almaýşy ýaly, Watany hem seçip almaýar. Elbetde, Allatagala adama Watany buzluklardan hem, sähralardan hem, jeňellerden hem bermegi mümkin. Ýöne siz bilen bize Allatagala Özbegistan diýlip atlandyrylýan, topragynda altyn gülleýän, gyşlarynda bahar şybyrdaýan, dag diýseň dagy bar, bag diýseň bagy bar, her daňda bilbiller senasyny okap tamam edip bilmeýän bir ýurdy Watan edip beripdir, munuň üçin özümizi bagtly saýmalydyrys. Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, şükür edip ýaşamalydyrys...

Eziz Watandaş! Siziň bilen biz özbeklerdiris. Özbegiň öz buýsanjy bar. Bu gün biz dünýä halklarynyň hataryndan mynasyp orun almaga çalyşýarys. Ýöne biz, buýsanjymyz her näçe beýik bolsa-da, öz gadyrymyzy her näçe beýik tutsak-da, özümizi hiç kimden ýokary goýmakçy däl, hiç bir halky kemsidip, pese urmakçy däldiris. Biz gowy bilýäris, Allatagala dünýä eýwanynda özüniň hemme bendelerini deň edip, ýakyn, dost edip ýaradypdyr[1].

---

[1] **Azat Şarafiddinow**. Ma’naviy kamolot yo‘llarida. –D.: «Ma’naviyat», 2001-nji ýyl, 16–26-njy sahypalar. Gysgaldylyp alyndy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# *Ikinji bap.* DÜNÝÄ MERDI YKRAR EDÝÄR

## MADDY WE RUHY DURMUŞ

Eziz okuwçy, beýik taryha eýe bolan halkyň ruhyýeti hem beýik bolýar.

*Sözlüklerde ýazylyşyna görä, ruhyýet «many» sözüniň köplük şeklidir.*

«Ruhyýet» düşünjesiniň mazmuny diňe şu sözler bilen çäklenmeýär.

***«Adamy adam edýän, onuň aňy we ruhyýeti bilen aýrylmaz baglanan bu düşünje her haýsy adamyň, jemgyýetiň, milletiň we halkyň durmuşynda hiç zat bilen ölçäp bolmaýan aýratyn orun tutýar»*[1]*.***

Adamzat maddy we ruhy islegler bilen diridir. Olary bir-birinden üstün goýup bolmaýar. Maddy ymtylmalar güýçlense, adamlar ruhy keşbini, özara hormat, gözelligi gadyrlamak, hakykata ynam ýaly sypatlaryny elden gidermegi mümkin.

Tersine bolanda , diňe ruhy ymtylmalar bilen hem ýaşap bolmaýar. Çünki şeýle durmuş adamlaryň maddy ösüşden yza galmagyna, hatda mekdep, kitaphana, teatr, muzeý ýaly medeni-aň-bilim mesgenlerini gurmaga-da serişde tapyp bilmän, ahyrky netijede ruhy taýdan garyplaşmagyna getirmegi mümkin.

---

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 19-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**«Adama mahsus bolan arzuw-islegleri amala aşyrmak, onuň aňly durmuş geçirmegi üçin zerur bolan maddy we ruhy älemi edil perwaz edýän guşuň iki ganatyna meňzetsek, meniňçe ýerlikli bolar. Haçan-da şol iki möhüm faktor özara uýgunlaşsa, giň manydaky goşa ganata öwrülse, diňe şonda adamyň, döwletiň we jemgyýetiň durmuşynda ösüş-özgeriş, rowaçlyk bolýar»[1].**

Hakykatdan hem, eger dünýä taryhyna nazar taşlaýan bolsak, hut maddy we ruhy baýlyklary utgaşdyryp, ösüş ýolunda olardan giň peýdalanmak gowy netijeleri berendigini görýäris. Bularyň ählisi öňki sowet döwründe emele gelen «maddy baýlyk adamy bozýar», «maddy älem – birlenji, ruhy älem – ikinji derejeli» diýen, aslynda bir-birine ters bolan garaýyşlaryň umuman nädogrudygyny görkezýär.

**Eger maddy baýlyk halal zähmet bilen tapylan bolsa we ýokary ruhyýet esasynda akylly-başly ulanylsa, gowy maksatlara hyzmat etjegi şübhesizdir.**



**Alfred Nobel**

Dünýä taryhynda şahsy baýlygyny ruhy baýlyga, öz halkynyň medeni aň-bilim taýdan ösüşine sarp eden adamlar köp bolupdyr. Meselem, Russiýada asly söwdagär bolan Pawel Tretýakow atly adam ýaşlykdan özboluşly muzeý we suratlar galereýasyny döretmegi arzuw edipdir. Şu niýetde ençeme çeper eserleri satyn alypdyr. Ömrüniň ahyrlarynda bolsa bu baýlygyň ählisini Moskwa şäherine sowgat edipdir. Russiýadaky meşhur Tretýakow galereýasy şeýdip emele gelipdir. Bu günki günde

---

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 67-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

islendik medeniýetli adam iň seýrek şekillendiriş sungaty eserleri toplanan bu muzeýi görmegi arzuw edýär.

Dünýädäki iň abraýly halkara Nobel baýragyny esaslandyran şwesiýaly Alfred Nobeldir. Özi toplan baýlygy ruhyýete hyzmat etdirmegi başarmagyň ýoluny tapan bu päk adam asly inžener-himik bolupdyr.



Nowaýy şäherindäki
Alyşir Nowaýynyň heýkeli

Biziň beýik eždatlarymyz hem bu babatda köp göreldeli işleri amala aşyrypdyrlar. Hususan-da, beýik akyldar şahyrymyz Alyşir Nowaýy şahsy serişdeleriniň hasabyndan ýollar, köpriler, hammamlar, kerwensaraýlar, kitaphana we medreseler gurdurypdyr, zehinli şahyrlary, suratkeşleri we edebiýatşynaslary howandarlyga alyp, olara pul töläp durupdyr.

Maddy baýlyklary haýyrly işlere hyzmat etdiren şeýle sahawatly eždatlarymyzyň gowy däplerini bu günki watandaşlarymyz mynasyp dowam etdirýärler. Öz hasabyndan çagalar bagyny ýa-da mekdep, ýol guran, çagalar öýlerine, şertnama esasynda okaýan talyplara kömek edýän, mähelleleri abadanlaşdyrmaga goşant goşýan adamlar bu günki günde ýurdumyzda köpelip barýar. Bularyň ählisi maddy baýlygy ruhyýete hyzmat etdirmegiň ýokary nusgasydyr.

**Öz baýlygyny we serişdelerini ruhyýete, müň-müňlerçe adamlara peýdasy degýän haýyrly işlere sarp etmek asyllylykdyr.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Asyllylyk bolmadyk ýerde men-menlik, bahyllyk, diňe özüni oýlap ýaşamak ýaly erbet ýagdaýlar güýçlenýär. Bu ahyrky netijede ruhyýetiň gowşamagyna sebäp bolýar.

Şu manyda, asyllylyk, adamkärçilik, sahawat sypatlary maddy we ruhy durmuşyň arasyndaky deňagramlylygy saklap, jemgyýetiň utgaşykly ösmegine hyzmat edýär.

Asyrlaryň dowamynda şeýle sypatlar biziň halkymyzyň ruhyýetiniň aýrylmaz bölegi bolup gelipdir. Olar Watana söýgi we wepalylyk duýgusy bilen üznüksiz bagly bolup, hut ene topraga, ene halka bolan uly mähir arkaly bu aýratynlyklar barha kämilleşýär. Şeýle göreldeli sypatlaryň esasynda ruhyýet öz beýanyny tapýar.

Beýik eždatlarymyzdan haýsy biriniň durmuşyna nazar salsak-da, ählisiniň işlerinde göreldeli sypatlar, ýagny ruhyýet esasynda ýaşamak baş ýörelge bolandygyny görýäris.

### ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Ruhyýet sözüniň manysyny düşündiriň.
2. Prezidentimiz nämeleri perwaz edýän guşuň iki ganatyna meňzetmek ýerlikli bolar, diýip nygtapdyr?
3. Maddy we ruhy nygmatlara siz nähili düşünýärsiňiz?
4. Şu suratlardaky görnüşleriň haýsy biriniň maddy, haýsy biriniň ruhy durmuşa degişlidigini aýdyň.




5. Alfred Nobel kim bolupdyr?
6. Alyşir Nowaýy nähili haýyrly işleri amala aşyrypdyr?
7. Halkymyza mahsus bolan göreldeli sypatlardan haýsylaryny bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Amaly sapak*

# ASYLLYLYK

***Rowaýat***

Beýik şahyr we akyldar, kebzesi ýere degmedik ökde göreşçi Pälwan Mahmydyň owazasy Horezmden Hindistan topragyna çenli ýetip barypdyr. Ony hindileriň iň güýçli pälwanlary bilen göreş tutmaga çagyrypdyrlar. Pälwan Mahmyt babamyz olary yzly-yzyna ählisini ýeňipdir.

Horezmli batyryň güýjüne we ussatlygyna haýran galan hindi patyşasy ony ýanyna teklip edipdir, ýokary hormat-yzzat edipdir we dile dilegiň bolsa, diýipdir. Şonda Pälwan Mahmyt hiç oýlanyp oturmazdan şeýle diýipdir: «Siziň aly hezretleriňiz, jenap, uruş wagtynda size ýesir düşen watandaşlarymy azat etseňiz, boldugy, meniň ýeke-täk dilegim şu!»

Hindi patyşasy Pälwan Mahmydyň diňe bir beden taýdan däl, eýsem ruhy taýdan hem mert we asyllydygyna ykrar bolup, ýesir alnan ähli horezmlileri azat edipdir.

Eziz okuwçy, gördüňizmi, bir adamyň ruhy sypaty, ýagny asyllylygy sebäpli ýüzlerçe adamlar ýesirlik azabyndan halas bolupdyr. Şu manyda Prezidentimiz tarapyndan aýdylan, meşhur kitabyň ady hökmünde hemmämize mälim bolan «Belent ruh – ýeňilmez güýç» diýen sözler çuňňur durmuşy esasa eýedigini duýan bolsaňyz gerek. Hakykatdan hem, ruhyýeti güýçli adamy, halky we jemgyýeti ýeňip bolmaýar.

Ýene şuny ýatda saklaň, ruhy sypatlar bir-biri bilen gönüden-göni baglydyr. Şonuň üçin asylly, şepagatly we sahawatly adam elbetde halal, päk hem-de adalatly bolýar. Eger siz eždatlarymyzyň sypatlar taryhy ýazylan gadymy kitaplary üns berip okasaňyz, muňa gaýta-gaýta göz ýetirersiňiz.

**«Mälim bolşy ýaly, Babur Mürzäniň atasy Omarşyh Mürze temuri hökümdarlardandy. Babur öz hatyralarynda atasynyň nähili adalatly we halal adam bolandygyny görkezýän şeýle maglumaty getirýär. Haýsydyr bir ýylda Hytaýdan Fergana**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**gelýän müň adamly kerwen Oş daglarynda gar harsaňynyň aşagynda galyp, heläk bolýar. Omarşyh Mürze derrew adamlaryny iberip, kerweniň ýüklerini gözegçilik astyna aldyrýar. Eýeleri heläk bolan şu harytlary iki ýyldan gowrak gorap saklaýar. Horasana we Samarkanda ýörite adam iberip, kerweniň eýeleriniň mirasdüşerlerini soraşdyryp tapdyrýar we olary öz ýurduna çagyrdyp, zatlaryny doly gowşurýar»[1].**

Beýik eždatlarymyza mahsus bolan ine şeýle halallyk, dogruçyllyk, başganyň hakyna hyýanat etmezlik sypatlary eždatlardan nesillere geçip gelýär. Durmuş terzimiz, milli häsiýetimize siňip giden şeýle aýratynlyklary 70 ýyldan gowrak dowam eden ýowuz sowet aňyýeti hem durmuşymyzdan gysyp çykaryp bilmedi. Eger siz ussat ýazyjymyz Ölmes Umarbekowyň eseri esasynda taýýarlanan «Kyýamat karz» atly spektakly tomaşa etseňiz, onda ýönekeý oba adamynyň kalbynda ine şeýle sypatlar ygtykat derejesine göterilendigini görersiňiz.



Andijan şäherindäki Babur Mürzäniň heýkeli

Garaşsyzlyk ýyllarynda il-ýurdumyzyň şeýle sypatlary täzeden gadyr-gymmata eýe bolýar. Prezidentimiz tarapyndan aýdylan «Sogap işi her gün etmeli, sogap işi her kim etmeli» diýen çagyryş esasynda amala aşyrylýan haýyr işleri şu günki günde her ädimde görüp bileris.

Eziz okuwçy, ynha şeýle göreldeli sypatlaryň eýesi bolan halkyň perzendi hökmünde biz hemişe gowulyga ymtylyp ýaşamalydyrys. Diňe şonda beýik eždatlarymyza mynasyp mirasdüşerler bolup, bu durmuşda biz hem özümizden ýagşy at galdyryp bileris.

[1] **Islam Karimow**. Adolatli jamiyat sari. –D.: «O‘zbekiston», 1998-nji ýyl, 110-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Soraglar we ýumuşlar:

1. Näme üçin hindi patyşasy Pälwan Mahmydyň mertligine we asyllylygyna ykrar bolupdyr?
2. Babur Mürzäniň atasynyň adyny aýdyň.
3. Hytaýdan Fergana gelýän kerwen nähili heläk bolýar?
4. Omarşyh Mürzäniň halal we adalatly bolany barada aýdyp beriň.
5. Prezidentimiz tarapyndan aýdylan çagyryşyň manysy barada aýdyň.
6. Suratlarda halkymyza mahsus bolan nähili sypatlar suratlandyrylan?












*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## OTDA ÝANMAÝAN MIRAS

Eziz okuwçy, maddy baýlyk näçe köp, näçe bibaha bolsa-da, bir güni gelip könelmegi ýa-da dürli peläketler sebäpli otda ýanyp, suwa gark bolmagy mümkin. Ruhy baýlygyň artykmaçlygy, oňa wagtyň, zamanyň öz täsirini geçirip bilmeýänligidir.

**Ruhy baýlyk otda ýanmaýar, suwa gark bolmaýar, haçanda adam, halk we millet barka, olaryň kalbynda, aňynda ýaşaberýär.**

Näçe asyrlaryň dowamynda halkymyz ýaly onuň ruhy baýlyklary hem agyr we çylşyrymly synaglary başyndan geçirdi. Ýöne näçe rehimsiz gyrgynlara we basybalyşlara duçar bolsa-da, halkymyzyň durmuşynda ruhyýet bulagy hiç haçan gurap galmady.

### 12 MÜŇ IRI ŞAHLY MALYŇ DERISINE ÝAZYLAN KITAP

Mundan 2700 ýyl öň biziň ýurdumyzyň çäginde döredilip, 12 müň sany iri şahly malyň derisine tylla çaýylyp ýazylan «Awesto» kitaby çet ülkelerde-de mälim we meşhur bolupdyr.

Dünýädäki dürli güýçler bu baýlyga eýelik etmäge çalyşypdyrlar. Meselem, meşhur grek serkerdesi Aleksandr Makedonskiý 32 kitapdan ybarat bu eseriň asyl nusgasyny Gresiýa iberipdir. Grekler şu kitabyň lukmançylyga, astronomiýa, filosofiýa degişli baplaryny aýratyn göçürip alyp, galan sahypalaryny oda taşlap, ýakyp goýberipdirler. Biziň diýarymyzda dörän beýik açyşlar şeýdip Gresiýa arkaly bütin Ýewropa ýaýrapdyr. Bu hakykaty günbataryň alymlary-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

da ykrar edipdirler. Meşhur nemes filosofy Fridrih Nitsşe «Awesto» hikmetlerinden ruhlanyp, «Zarduşt töwellasy» atly eser hem ýazypdyr.

Bu kitap otda ýanmaýandygyna seretmezden, onuň köpçülige ýat bolup giden taglymlary halkymyzyň kalbynda, gündelik urp-adatlarynda we däplerinde ýaşamagyny dowam etdiripdir. Bu eseriň esasy taglymy bolan haýyrlylyk şu günki günde hem ähli arzuw-isleglerimiziň esasynda jemlenendigi hakynda siz öňki derslerimizden gowy habarlysyňyz.



**Ürgenç şäherindäki «Awesto» ýadygärligi**

Bilimiň we ýagşylygyň adamyň we jemgyýetiň durmuşyndaky uly ähmiýetine gowy düşünen sowatly halklar öz güýjüni, maddy mümkinçiliklerini şular ýaly hiç haçan ýitip gitmeýän ruhy baýlyklara sarp etmäge çalyşypdyrlar.

Il-ýurdumyz ozaldan medeni aň-bilime ymtylyp ýaşaýan halk hökmünde dünýä tanalypdyr. Munuň subudyny bütin durmuşyny ylym-bilimiň ösüşine bagyşlap, dünýä ilatyny henize çenli haýran galdyryp gelýän beýik akyldarlarymyzyň mysalynda aýdyň görmek bolar.

## MÜŇ ÝYLDA BIR DOGULÝAN ALYM

Gadymy Horezm topragyndan ýetişip çykan beýik eždadymyz Mahmyt Zamahşary ylym-bilim babatdaky çäksiz hyzmatlary üçin «Jarullah» ýagny «Allanyň goňşusy» diýen ýokary ykrarnama sezewar bolupdyr. Onuň döreden «Al-mufassal» kitaby arap diliniň grammatikasyna esas hökmünde alnan bolup, arap dünýäsinde oňa häzire çenli amal edilýär. Şu sebäpli arap akyldarlaryndan biri «Älemdäki ähli obalar jemlenip, Horezmiň ýekeje Zamahşar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

obasyna pida bolaýmaly. Çünki bu oba müň ýyllarda bir gezek dünýä inmegi mümkin bolan Zamahşary ýaly meşhur akyldaryň watanydyr» diýeninde doly haklydyr[1].

Ýurdumyzyň şöhratyny äleme ýaýan akyldar babalarymyzdan ýene biri lukmançylyk ylmynda uly açyşlary amala aşyran, şaýhur-rais, ýagny akyldarlaryň öňdebaryjysy adyny alan Abu Ali ibn Sinadyr. Onuň «Tib kanunlary» eseri Ýewropanyň uniwersitetlerinde alty asyryň dowamynda derslik hökmünde okadylypdyr, özboluşly filosofik taglymaty bolsa alymlar tarapyndan henize çenli uly gyzyklanma bilen öwrenilýär.

***Rowaýat***

## IBN SINA WE AŞYK ÝIGIT



**Daşkent şäherindäki Ibn Sinanyň heýkeli**

Bir ýigit gaty näsaglapdyr. Hiç bir tebip onuň derdine melhem tapyp bilmändir. Ata-enesi ahyrynda beýik hekim Ibn Sina ýüzlenipdirler. Beýik akyldar ýigidiň damaryny tutup, «Hany şu ýakyn-töwerekdäki mähelleleriň adyny aýdyň», diýipdir. Haýsydyr mähelläniň ady aýdylanda, ýigidiň damarynyň uruşy birden çaltlanypdyr. Şonda Ibn Sina ýene maşgala eýelerine garap, «Indi şol mähelledäki köçeleriň adyny aýdyň», diýipdir. Haýsydyr bir köçäniň adyny eşidende ýigidiň damary ýene çalt urup başlapdyr. Beýik tebip näsagyň derdiniň sebäbini barha anyk duýup, «Indi şol köçede ýaşaýan gyzlaryň adyny aýdyň», diýipdir. Gyzlardan biriniň ady aýdylanda, ýigit ah çekip goýberipdir. «Oguňyzyň keseli mälim boldy, ony gynaýan dert – söýgi derdidir– diýipdir Ibn Sina».

---

[1] Islom ziyosi o‘zbegim siymosida. –Daşkent yslam uniwersitetiniň neşirýaty, 2001-nji ýyl, 189-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Ibn Sina näme üçin näsag ýigide derman ýazyp bermedi?*

***«Milli taryhymyzyň ýene bir aýdyň ýyldyzy Abu Reýhan Birunynyň işlerine çynlakaý baha bermek bilen, amerikan ylym taryhçysy Sarton XI asyry «Biruny asyry» diýip taryplapdyr. Şeýle ýokary we hakly baha ilki bilen ensiklopedist pikiriň eýesi bolan beýik watandaşymyzyň ylym-biliminiň ösüşine goşan çäksiz goşandy bilen düşündirilýär»[1].***

## Soraglar we ýumuşlar:

1. Maddy baýlygyň ebedi bolmagy mümkinmi?
2. Ruhy baýlygy ýok edip bolarmy?
3. «Awesto» kitaby näçe iri şahly malyň derisine ýazylypdyr?
4. Oda ýakylan bu kitap bütinleý ýok bolupdyrmy?
5. Mahmyt Zamahşary kim bolupdyr?
6. Suratlaryň arasyndan Abu Ali ibn Sinanyň iň meşhur eserini görkeziň?




[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –T.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 42-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Amaly sapak*

# ÖZBEGISTAN – BEÝIK ALYMLAR ÝURDY

Eziz okuwçy, ata Watanymyz barada gürrüň edilende, köpçülik onuň ýene bir aýratynlygyny nygtaýar. Bu – ýurdumyzyň gadymdan beýik alymlaryň ýurdy hökmünde meşhurlygydyr. Şu temadaky halkara konferensiýa 2014-nji ýylyň 15–16-njy maý günleri hut biziň diýarymyzda, köne we hemişe juwan Samarkant şäherinde geçirilendiginden siz öňki derslerimiz arkaly gowy habarlysyňyz. Bu maslahatda orta asyrlarda ýurdumyzdan şeýle köp we beýik alymlar ýetişip çykandygy dünýä taryhynda kemden-kem duşýan seýrek hadysadygy aýratyn nygtaldy.

***Rowaýat***

## ALYMLYK MERTEBESI



**Daşkent şäherindäki Mürze Ulugbegiň heýkeli**

Mürze Ulugbekden «Siz näme üçin syýasatdan görä ylma köprak gyzyklanýarsyňyz?» diýip soranlarynda, şeýle jogap beren eken: «Men ylmyň gudratyny babamdan bildim. Bir gezek babamyň dyzyna münüp otyrkam, babamyň ýanyna tötänden bir adam girdi. Babam howlugyp ýerinden turdy. Men onuň dyzyndan düşüp gitdim. Babam muňa perwaýam etmän, halki adamy garşy almaga howlukdy. Soň bilsem, şol adam babama bir wagtlar ylym öwreden halypasy eken. Alymlyk mertebesiniň patyşalykdan hem beýigräkdigini şonda bilipdim. Şonda köňlümde alym bolmak höwesi döräpdi».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Dünýäniň dilçi alymlary dünýädäki beýik şahyrlaryň we ýazyjylaryň arasynda iň köp söz baýlygyna eýe bolan döredijilik işgärini anyklamak boýunça barlag geçiripdir. Onuň netijesine görä, beýik babamyz Alyşir Nowaýy dünýädäki söz baýlygy iň köp şahyr hökmünde ykrar edilipdir. Alyşir Nowaýy öz eserlerinde 26 müň 35 sany söz ulanypdyr. Beýik rus şahyry Aleksandr Puşkin 21 müň 193 sany, iňlis şahyry Wilýam Şekspir 20 müňden gowrak söz ulanypdyr.**

Şu sebäpli Alyşir Nowaýy babamyz dünýä möçberinde uly şöhrat gazanypdyr. Bu beýik şahsyýetiň hatyrasyna Rus Federasiýasynyň paýtagty Moskwa şäherinde, Ýaponiýanyň paýtagty Tokio-da we Azerbaýjan Respublikasynyň paýtagty Baku şäherinde äpet heýkeller oturdylandygy ynha şeýle ýokary hormatyň aňlatmasydyr.



**Baku şäherindäki Alyşir Nowaýynyň heýkeli**

Şonuň üçin hem, Prezidentimiz Islam Karimow Alyşir Nowaýynyň beýik döredijilik geniallygyna ýokary baha berip, uly buýsanç-guwanç duýgulary bilen şeýle sözleri ýazypdyr:

**«Eger bu beýik şahsyýeti keramatly diýsek, ol keramatlylaryň keramatlysy, akyldar diýsek, akyldarlaryň akyldary, şahyr diýsek, şahyrlaryň soltanydyr»**[1].

Beýik talantyň eýesi bolan ýene bir eždadymyz – Kemaliddin Behzat orta asyr suratkeşliginde uly mekdep döredipdir. Bu şahsyýeti

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 47-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

beýik akyldar babalarymyzdan biri Zahiriddin Muhammet Babur «suratkeşlik işini örän näzik ýerine ýetirdi» diýip taryplaýar. Bu sözler Behzadyň adam keşbi arkaly onuň içki dünýäsini, gylyk-häsiýetini gaty näzik teswirlemegi başarýan ussatlygyna yşaratdy. Günbatarda Behzada «Gündogar Rafaeli» diýip özleri bilýän we ýagşy görýän suratkeşine deňäp beýgelden bolsalar-da, onuň döredijiligi beýik italýan suratkeşi we binagäri, günbatar oýanyş döwrüniň görnükli wekili hasaplanýan Rafael Santiniň döredijiliginden düýpgöter tapawutlanýar. Rafael Santi köşklere we ybadathanalara suratlar çekip, uly-uly polotnolar çyzypdyr. Kemaliddin Behzat bolsa adamyň ruhyýetini çuňňur suratlandyrýan Gündogar, hususan-da, Mawerannahr we Horasan miniatura sungaty mekdebini esaslandyrýar.

*Amyderýadan günorta tarapdaky çäklar gadymda Horasan diýlip atlandyrylypdyr.*

**Günbatar oýanyş döwri ilki XIV–XV asyrlarda Italiýada başlanypdyr we tutuş Ýewropa ýaýrapdyr. Oýanyş döwri diýende, orta asyrlardaky dini tümlük höküm süren döwründen medeni aň-bilim güýçlenen täze döwre geçiş düşünilýär. Bu döwür Gündogarda birneme öňräk – IX asyrda başlanyp, XV asyra çenli dowam edipdir.**

Ýurdumyzyň topragy maddy baýlyklar ýaly ruhy baýlyklara-da baý. Onuň her garyş ýerinde köne siwilizasiýa dahylly bolan seýrek zatlary tapmak mümkin. Onuň aglabasy ÝUNESKO-nyň ýörite sanawynda bolmagy-da şony delillendirýär. Uly bolup, dünýäniň iň abraýly muzeýlerini tomaşa etseňiz, hökman, Özbegistana degişli bolan seýrek bir ýadygärlige duşarsyňyz. Bularyň ählisi biziň nähili derejede ullakan ruhy baýlyga mirasdüşerdigimizi aňladýar. Bular-a göze görnüp duran baýlyklarymyz, ýöne bir seredende göze ilmeýän, adamlarymyza mahsus bolan beýik sypatlar, olaryň baý ruhy dünýäsi, gözel we manyly söz-jümleleri, gaýtalanmaz duýgulary näme?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eger derýalaryň nähili emele gelşine üns beren bolsaňyz, daglardaky bulaklar çeşmelere, çeşmeler saýlara goşulyp, derýa öwrülýär. Olar öz ýolunda näçe-näçe daşdyr otlary, duz we magdanlary özüne siňdirip, ýeriň damaryna ýaşaýyş berýär.

Ruhyýeti hem şeýle derýa deňemek mümkin. Ol hem asyrlaryň jümmüşinden ne-ne durmuşy tejribeleri, millionlarça adamlara mahsus bilim we duýgulary özi bilen bile alyp gelýär. Edil derýanyň suwy ýeriň damaryna jan berşi ýaly, ol hem adamlaryň we halklaryň durmuşyna many-mazmun berýär.

## ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Samarkantda beýik alymlarymyzyň mirasyna bagyşlanan halkara konferensiýa haçan bolup geçdi?
2. Mürze Ulugbek alymlyk mertebesiniň çäksiz beýikdigini haçan duýupdyr?
3. Şu şäherleriň içinden Alyşir Nowaýynyň heýkeli oturdylan şäherleri aýry-aýry görkeziň.




4. Ruhubelent adamy ruhy pes adamdan nähili tapawutlandyrmak mümkin?
5. Ruhyýeti näme üçin derýa deňeýäris?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MILLI GYMMATLYKLARYMYZ

Eziz okuwçy, adam özüne ýakyn, tüýs ýürekden mähir goýan adamlary ýakyn dost, gadyrdan hasaplaýşy ýaly, dünýädäki halklar hem, bireýýäm durmuşynyň many-mazmunyna öwrülen urp-adatlary, däpleri we dabaralary, baýramlary, dil, din, edebiýat we medeniýet nusgalaryny gymmatlyk hasaplaýar.

*Gymmatlyk gadyr sözünden alnan bolup, näçe asyrlardan bäri adam tarapyndan gadyrlanyp, ösüşe hyzmat edip gelýän adatlary, edim-gylymlary, däpleri aňladýar.*

Her bir halkyň milli gymmatlyklary onuň özlüginiň tymsaly hasaplanýar. Şol sanda, biziň gözel milli gymmatlyklartmyz hem. Meselem, Nowruz baýramyny alalyň. Bu baýram halkymyz oturymly durmuşda ýaşap başlan gadym döwürlerden bäri ýaşap gelýär.

***«Ählimiz elmydama arzuw edip garaşýan we uly şatlyk-şadyýanlyk bilen geçirilýän Nowruz baýramy biziň üçin durmuşyň ebediligi, tebigatyň ileri tutulýan gudraty we çäksiz sahawatynyň, köp müň ýyllyk milli keşbimiz, asylly däp-dessurlarymyzyň gaýtalanmaz beýany bolup gelýär»[1].***

*«Nowruz» parsça söz bolup, täze gün diýen manyny aňladýar.*

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 35-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Milli bagdaky Nowruz baýramy**

Öňki sowet düzümi döwründe başga gymmatlyklarymyz ýaly Nowruz hem gadagan edilipdi. Ynha şu döwürde käbir ýolbaşçylar «zyýanly», «dini galyndy» diýen bolmadyk aýplamalar bilen Nowruza garşy göreşip, semeniden doly gazanlary agdaryp taşlandyklary we şoňa meňzeş dürli bimany işleri amala aşyrandyklary barada size ýaşuly nesliň wekilleri ençeme mysallary aýdyp bermegi mümkin.

Ähtimal, bu gürrüňler siziň ýaly bu günki ýaşlar üçin edil erteki ýaly duýular. Ýöne mundan 30–35 ýyl öň şeýle ýagdaýlar halkymyzyň durmuşynda adaty ýagdaýa öwrülipdi. Diňe garaşsyzlyk şeýle erbet hadysalaryň soňuna çykdy. Nowruz baýramy öňler hiç haçan bu günki ýaly, ýurdumyzdaky 130-dan gowrak milletdir halkyýetiň wekilleriniň, daşary ýurtly myhmanlarynyň, ilçileriň gatnaşmagynda giňden bellenmändir.

Her ýylda ýurdumyzyň paýtagtyndaky Özbegistanyň Milli bagynda bolup geçýän Nowruz baýramyna bagyşlanan dabaraly baýram şadyýanlygy emeli hemra arkaly dünýäniň ençeme ýurtlarynda görkezilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 2010-njy ýylyň 21-nji mart senesi Halkara Nowruz güni diýlip yglan edildi we bu gün bu baýram dünýä möçberinde giňden bellenýär.**

Halkyň durmuşynda şeýle gymmatlyklar bar bolup, olar milletiň özi bilen bile şekillenýär we onuň esasy alamatlaryndan birine öwrülýär. Dil – her bir milletiň ynha şeýle bahasyna ýetip bolmaýan gymmatlygydyr. Özbek dili hem milletimiz bilen müň ýyllaryň dowamynda bilelikde şekillenip gelipdir. Halkymyzyň başyna taryhda nähili agyr synaglar düşen bolsa, dilimiz hem mundan daşda galmandyr. Duşmanlar ýurdumyza hüjüm edip, ýerimizi basyp alan döwürlerde esasy milli gymmatlyklarymyzdan biri bolan dilimiz hem gadagan edilip kemsidildi. Basybalyjylar ene dilimizde erkin gürleşmäge ýol bermeýärdiler. Halkymyz erkin we azat bolup, öz ýerine, öz tagdyryna eýelik edip ýaşan wagtlarynda dilimiz hem özüni dürsäp, baýlaşyp, ösüpdi. Meselem, arap we mongol basybalyşlaryndan soň özbek diliniň jemgyýetçilik durmuşyndaky ýagdaýy has-da peselipdi. Temuriler döwletliligi döwründe halkymyzyň mertebesi, gadyr-gymmaty bilen bilelikde dilimiziň abraýy-da gaýtadan dikeldildi.

Bu ýagdaýy milletimiziň ruhyýetiniň ýene bir möhüm alamaty bolan gaýtalanmaz binagärlik ýadygärliklerimiz öňki sowet döwründe näçe weýran edilendigi mysalynda hem görüp bileris. Ýurdumyzda sowetler hökümdarlyk eden döwründe metjitler we medreseler bozulypdyr, olaryň aman galanlary bolsa ammarhana, dükana, ruhy keselleriň hassahanasyna öwrülipdi. Eziz-keramatlylarymyzyň guburlary aýagasty edilipdi, olaryň atlary, ölmez mirasy halkymyzdan gizlenipdi. Häzirki wagtda her taraplaýyn abat edilip, ýurdumyzdan we bütin dünýäden



**Buhara. Bahaweddin Nagyşbendi ýadygärligi**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

müň-müňlerçe adamlar gelip zyýarat edýän Ymam Buhary, Ymam Moturidi, Bahaweddin Nagyşbendi ýadygärlik toplumlary bir wagtlar umuman garawsyz galyp gidipdi.

Bu günki günde ýurdumyzyň haýsy künjegine barsaňyz-da, beýik babalarymyz jaýlanan mukaddes zyýaratgähleri, olaryň abat we ajaýyp kümmetlerini, owadan baglary, hatyra alleýalaryny, döwrebap liseý we kolležleri, rowan ýollary görýärsiňiz. Adamlarymyz özleriniň dilinde arkaýyn gepleşýärler, milli baýramlarymyzy bilelikde giňden belleýärler, dini çärelere we dabaralara arkaýyn baryp, gerekli edim-gylymlary berjaý edýärler. Watandaşlarymyzyň her ýylda mukaddes Käbe zyýaratyna – haj we umra saparlaryna, dünýäniň başga ýurtlaryna ylym öwrenmek, işlemek, söwda-satyk etmek, syýahat etmek we dynç almak üçin baryp gelýändigini gowy bilýärsiňiz.

Sowet düzüminiň Stalin dolandyran döwründe kolhozçylara, ýagny oba ilatynyň köpüsine daşary ýurda çykmak bärde dursun, hatda, şähere barmaga-da rugsat edilmeýärdi, olaryň pasporty hem ýokdy. Eger şol zamanlarda halkymyzyň esasy bölegi obalarda ýaşandygyny we mejburlap kolhozlara agza edilendigini hasaba alsak, olaryň ýönekeý adam hukuklaryndan mahrum bolup, tabynlykda ýaşandygyna göz öňüne getirmek mümkin. Çünki kanunlar, milli gymmatlyklar amal etmeýän durmuş zulma we sütemkärlige köre-körlük bilen boýun egmekden, manysyz ömür geçirmekden ybarat bolup galýar.

Milli gymmatlyklar adamyň gadyr-gymmatyny, milli buýsanjyny artdyrýar, dumuşyna many-mazmun bagyşlaýar. Onuň gadyr sözünden alnandygy hem ýöne ýerden däldir.

### ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Gymmatlyk diýip nämä aýdylýar?
2. Milli gymmatlyk diýende nämäni düşünýärsiňiz?
3. Milli gymmatlyklar nähili şertlerde ösýär?
4. Siz köpräk haýsy milli gymmatlyklarymyzy halaýarsyňyz?
5. Öňki sowet döwründe näme üçin biziň milli gymmatlyklarymyz aýak asty edildi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6. Suratlardaky çagalar nähili sapaklar bilen meşguldyklary barada aýdyp beriň.


1


2


3


4

**«Belent ruh – ýeňilmez güýç» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar**

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 18–20-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 108–112-nji sahypalar.

3. Milliy istiqlol g‘oyasi: asosiy tushunchalar, tamoyillar va atamalar. Daşkent, «Yangi asr avlodi» neşirýaty, 2002-nji ýyl, 72–73-nji sahypalar.

4. Ma’naviy yuksalish yo‘lida. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2008-nji ýyl, 16–18-nji sahypalar.

5. A. Ibrahimow. Yorug‘lug‘. Daşkent, «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» döwlet ylmy neşirýaty, 2006-njy ýyl, 235–238-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## UMUMADAMZAT GYMMATLYKLARY

Eziz okuwçy, milli gymmatlyklaryň ösüşinde, täzeçe many-mazmun bilen baýlaşmagynda olaryň umumadamzat gymmatlyklary bilen barha utgaşmagy möhüm orun tutýar.

*Bütin adamzat durmuşy üçin gadyrly, ähmiýetli bolan gymmatlyklara umumadamzat gymmatlyklary diýilýär.*

Eger milli gymmatlyklarymyzyň mazmunyna çuňrak nazar salsak, olar gadym-gadym zamanlardan bäri başga halklar bilen bolan hemişelik aragatnaşyklar netijesinde barha baýap, kämilleşendigini görýäris. Aýratynam, Beýik ýüpek ýoly boýunça kerwenler dyngysyz gatnap duran wagtlarda ata-babalarymyz dürli halklaryň medeniýeti, urp-adaty we däpleri, ösüş babatyndaky üstünliklerinden habarly bolupdyrlar. Şonuň üçin ýurdumyzyň gadymy topragynda zarduştylyk, buddizm, hristianlyk we yslam medeniýetine degişli bolan dürli ýadygärlikler, tapyndylar köp duşýar. Köne diýarymyzda bolup geçen beýik siwilizasiýa netijeleri, halkymyzyň başga millet we halkyýet, din wekilleri bilen agzybirlikde ýaşap gelýändiginiň amaly tassyklamasy hökmünde olaryň ählisi biziň üçin gadyrlydyr.

*Zarduştylyk – oda sygynmagy wagyz edýän, Zarduşt tarapyndan esaslandyrylan otparazlyk taglymatydyr.*

*Buddizm – halk arasynda «Budda» – «hakykat halasgäri» diýilýän şazada Gaýtama esaslandyran dini-filosofik taglymat.*

*Hristiançylyk hristian dinini we taglymatyny aňladýar.*

***«Ata-babalarymyz näçe asyrlaryň dowamynda şu giň sebitde nähili raýdaş bolup, nähili gymmatlyklar esasynda ýaşap gelen bolsa, bu gün hem, ýeri gelende aýtsak, taryh we pelek gerdişi,***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE






***tebigatyň özi bizi – bütin Orta Aziýa halklaryny hut ynha şeýle dostluk we hyzmatdaşlyk ruhunda ýaşamaga çagyrýar»*[1].**

Her bir milli gymmatlygyň aşagynda umumadamzat taglymlary, arzuw-islegler jemlenen bolýar. Meselem, tebigata mähir, ene topragyň nygmatlaryndan lezzetlenmek, olary gorap saklamak; bahary, güneşli ýagty günleri şadyýanlyk bilen garşy almak dünýädäki ähli halklaryň durmuşynda aýratyn orun tutýar. Olar Nowruz baýramynyň many-mazmunyna hem çuňňur siňip gidendir. Şonuň üçin hem bu baýramymyz dünýädäki ähli millet we halkyýet wekillerinde uly gyzyklanma oýarýar.

Şunuň bilen birlikde, diňe biziň halkymyza mahsus bolan gözel gymmatlyklar hem bar bolup, olar gaýtalanmaz milli keşbimizi açyp görkezmekde asyrlaryň dowamynda iň möhüm sypat bolup gelýär.

***«Mysal üçin, dilimizdäki mähir-şepagat, mähir-muhabbet, mähribanlyk, gadyr-gymmat diýen, bir-birini çuňňur many-mazmun bilen baýlaşdyrýan we dolduryan jümleleri alalyň. Näçe geň duýulsa-da, bu jümleleri başga dillere hut terjime etmegiň özi kyn bir mesele»*[2].**

Şeýle aýratynlyklary gadyrlamak milli özlügimizi, dünýädäki başga milletlere we halkyýetlere meňzemeýän beýik halkyň perzendidigimize aň ýetirmekde iňňän möhüm ähmiýete eýedir.

---

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 10-njy sah.

[2] Şol eserde, 8-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu günki günde parahatçylyk, dünýä halklarynyň ösüşi we abadançylygy ugrunda hyzmatdaşlyk etmek, özara dostluk, raýdaşlyk, ene planetamyzy gorap saklamak; her bir adamyň, halkyň hem-de milletiň hak-hukuklaryny hormat etmek, halkara medeni maslahatlar, sport ýaryşlary iň möhüm umumadamzat gymmatlyklara öwrülip barýar.

Biziň ýurdumyzda geçirilýän «Gündogar heňleri (Şark taronalary)» halkara saz festiwaly, italýan operasyna bagyşlanan festiwal, halkara foto biýenalliler, dürli ylmy-amaly maslahatlar, sport ýaryşlary halkymyzyň bu günki günde-de umumadamzat gymmatlyklarynyň ösüşine uly goşant goşýandygyny delillendirýär.

## *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Şu suratlarda milli we umumadamzat gymmatlyklary nähili görkezilen?




2. Haýsy sözlerimizi başga dillere terjime etmek kyn we näme üçin?
3. Ýakymly daşary ýurt sazyny diňlände terjimeçi gerekmi?
4. Dünýä ýazky olimpia oýunlaryny umumadamzat gymmatlyklarynyň hataryna goşmak mümkinmi?
5. «Semeni» sözüniň manysyny ululardan sorap biliň.
6. Nowruzyň birinji güni haýsy aýyň haýsy gününden başlanýar?

## «Nowruz seýli» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 35-nji sah.

2. O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi. 6-njy jilt. Daşkent, «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» döwlet ylmy neşirýaty, 2003-nji ýyl, 237–238-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BIZ – ÖZBEGISTANYŇ RAÝATYDYRYS

Eziz okuwçy, üns beren bolsaňyz, ata-enäňiz ýa-da garyndaşlaryňyz haýsy-da bolsa bir daşary döwlete barmakçy bolsa, özi bilen elbetde pasportyny alýar. Çünki pasport adamyň raýatlygyny tassyklaýan resminamadyr. Adamyň raýatlygy bolsa haýsy döwlete ýa-da halka degişliligini, onuň şol döwletiň goramagyndadygyny, öz ýurduna mynasyp bolmak borçlaryny aňladýar. Şonuň üçin öz döwletiniň raýaty bolmak adama uly buýsanç we guwanç berýär.

*Raýat sözi graždanlyk manysyny aňladýar. Graždanin latynça söz bolup, hukuk taýdan käbir döwlete degişliligi aňladýar.*

Gadymda raýat sözüniň ýerine *tabaa, raiýat* ýaly sözler hem ulanylypdyr. Ata-babalarymyz özleri hakynda gürrüň edilende, sadalyk bilen «pakyr-pukara», «pakyryňyzyň günäsini geçiň», «pakyrlykda, bilmän galypdyrys» ýaly jümleleri ulanypdyrlar. Şu jümlelerde özüni başgalaryň öňünde borçly hasaplamak manysy hem bar.

Biz – Özbegistan döwletine degişlidiris we şuny ykrar etmek bilen, her gezek kalbymyz guwançdan dolýar. Çünki, öňki gürrüňlerimizde aýdylyşy ýaly, Özbegistan dünýäde deňi ýok gözel we gaýtalanmaz ýurtdur. Şeýle Watanda dogulmak, onuň bahasyna ýetip bolmaýan nygmatlaryndan lezzet almak hemmä-de nesip edibermeýän uly bagtdyr.

**Özbegistan raýatlygynyň hukuklary we borçlary ýurdumyzyň Konstitusiýasynda, Raýatlyk kodeksinde we başga kanun resminamalarynda kesgitlenendir.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Raýatlyk duýgusy Watan perzentlerini birleşdirýär, agzybir edýär. Şeýle raýdaşlygyň ähmiýetini Prezidentimiz Islam Karimow aýratyn nygtaýar.



**«Ýurdumyzda ýaşaýan her bir adam özüni ilki bilen Özbegistanyň raýaty diýip, diňe şondan soň belli bir çägiň wekili, ýagny, horezmli, samarkantly ýa-da Fergana jülgesiniň perzendi saýmalydyr. Bu ýagdaý her birimiz degişli bolan «kiçi watanyň», doglup ösen şäheriň ýa-da obanyň gadyryny we ähmiýetini asla kemeltmeýändigi tebigydyr. Ýöne şuny ýatda saklamaly, ýerli bähbitleri çendenaşa ileri tutmak, ýerli watanperwerlik milletiň, halkyň jebisleşmegine päsgel berýär.**

**Biz Watan duýgusyny ynha şeýle bitewi ýagdaýda, ýagny dünýäde ýeke-täk özbek milleti bar, horezmli, ferganaly, surhanderýalylaryň arasynda hiç hili milli tapawut ýok, olaryň ählisi özbek halkynyň perzendi diýip aňyp, ýaş neslimizi hut şu ruhda terbiýelemelidiris»**[1].

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 90–91-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özüniň raýatlyk borjuny çuňňur duýýan adam ýurduň kanunlaryna berk amal edýär, kanunlaryň her bendinde halkyň erkini görýär. Şu sebäpli hakyky raýatlyk duýgusy bilen ýaşaýan adam öz halkyna we Watanyna görä edilýän nähaklyga asla çydap bilmeýär.

Raýat sözi Watanyň tüýs perzendi, janypkeş adam manylaryny hem aňladýar. Adamzat taryhynda öz raýatlyk borjuny öz durmuşynyň many-mazmuny hasaplan, ata Watanyna mynasyp bolmak ugrunda gahrymanlyk görkezen şahsyýetler köp bolupdyr.

Siz edermen fransuz gyzy Žanna d’Ark hakyndaky kitaplary okap, filmleri gören bolmagyňyz mümkin. Ony orleanly gyz diýip hem atlandyrýarlar. Ol ýaş bolmagyna seretmezden, Orlean şäherini iňlislerden azat etmäge, tagtdan daşlaşdyrylan fransuz korolyny öz ýerine dikeltmegi karar edýär. Onuň kalbynda joş urýan raýatlyk duýgusy, watanperwerlik duýgusy şoňa çagyrýar. Ol agalary bilen bile ýurda wepaly adamlara baş bolup, duşmana garşy gaýduwsyz söweş edýär we Orlean şäherini azat edýär.

Bu edermen gyzyň halkyň içinde at-abraýynyň barha artýandygyndan howsala düşen duşmanyň leşgerbaşylary we fanat dindarlar ony jadygöýlükde aýplap, buthananyň adyndan sud edip, oda ýakýarlar.

Žanna d’Arkyň beýik edermenligi siziň gowy bilýän Tomaris mamamyzyň gahrymançylygyna meňzäp gidýär.

Massagetler taýpasynyň baştutany bolan Tomaris Eýran şasy Kiriň güýçli goşunyna garşy söweş edýär. Kir açyk uruş etmekden gorkup, mekirlik edip hile ulanýar. Tomarisiň oglunyň başyny aýlap, soňra ony ýesir alýar. Mundan gazaba münen Tomaris mekir duşmany açyk söweşe çagyrýar. Aldym-berdimli uruşda Tomaris duşmanyň üstünden ýeňiş gazanýar.

Şeýle mysallar, milletine, diline we dinine seretmezden, dünýädäki ähli adamlaryň mukaddes duýgularynyň özara meňzeşdigini görkezýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Döwlet öz üstüne raýatlaryň hak-hukuklarynyň, durmuşynyň eldegrilmesizligini üpjün etmek boýunça belli bir borçlary alýar. Şonuň ýaly-da, raýatlar hem döwlete gulluk etmek, onuň garaşsyzlygyny, maddy we ruhy baýlyklaryny goramak boýunça degişli borçlara eýe bolýar.**

**Düşünjeli raýat diňe bir öz bähbidi ýa-da özi degişli bolan toparyň, taýpanyň bähbidini däl, eýsem halkyň we Watanyň bähbidini gözläp ýaşaýan raýatdyr.**



Bu günki günde biziň guryan hukuk demokratik döwletimiz we raýatlyk jemgyýetimiz, ilki bilen düşünjeli raýatlara daýanýar. Düşünjeli raýat öz güýjüne we mümkinçiliklerine ynanyp hereket edýär. Bu derejä ýetmek üçin adam ýaşlykdan köp okamaly, erkini terbiýeläp barmalydyr. Meselem, uly bolup, ýurdumyzda bolup geçýän saýlawlara gatnaşsaňyz, jemgyýetçilik işlerine işeňňir gatnaşsaňyz, kanunyň talaplaryny berk berjaý etseňiz, aň-düşünjeli raýatlyk sypatlaryny ýüze çykaran bolarsyňyz.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Raýatlyk duýgusy diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Raýatlyk duýgusy bilen ýaşap, gahrymanlyk görkezen adamlardan kimleri bilýärsiňiz?
3. Biziň guryan jemgyýetimiz näme üçin düşünjeli raýatlara daýanýar?
4. Düşünjeli raýat bolmak üçin näme etmeli?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. Şu suratlarda görkezilen haýsy adamlara düşünjeli raýat diýmek mümkin?



## «Watan seždegäh ýaly mukaddesdir» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 90–91-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 6–12-nji sahypalar.

3. A. Ibrahimow. Yorug‘lug‘. Daşkent, «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» döwlet ylmy neşirýaty, 2006-njy ýyl, 91–95-nji sahypalar.

4. Ma’naviy yuksalish yo‘lida. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2008-nji ýyl, 104–120-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# WATANPERWERLIK

Eziz okuwçy, her bir adam ene ýurduna bolan söýgüsini we wepalylygyny dürli şekillerde aňladýar. Kimdir tüýs ýürekden zähmet çekip, Watanyň maddy we ruhy baýlyklaryny artdyrmaga çalyşýar. Kimdir Watanyň serhetlerinde gije-gündiz hüşgärlik bilen, onuň her garyş ýerini gözüň göreji ýaly goraýar. Bularyň ählisi watanperwerlik diýlip atlandyrylýan eziz we seýrek duýgynyň amalda ýüze çykmagydyr. Adam öz ýurdunyň gaýgy-hasraty, şatlykdyr guwanjy bilen hemişe egindeş ýaşasa, hatda Watan üçin janyny hem pida edip bilse, watanperwerlik ýöne bir duýga däl, ýokary ynsany sypata öwrülýär.

*Watanperwerlik diýip, öz ýurduňy söýmäge, oňa wepalylyk bilen gulluk etmäge, onuň garaşsyzlygy, parahatçylygy we ösüşi ugrunda jany-teniň bilen janypkeşlik edip ýaşamaga aýdylýar.*

**Watany hakyky watanperwer perzentler dünýä tanadýar. Watan topragy şeýle janypkeş adamlar sebäpli beýik we mukaddes bolýar.**

Oýlanyp görüň, Aýda we başga planetalarda hem toprak bar. Ýöne adam ýaşamaýandygy, häzirlikçe hiç kim watan diýip bilmeýändigi üçin ol ýerleri eziz we mukaddes diýip bilmeris.

**Watanperwerlik Watan duýgusyny aňmakdan başlanýar. Bu duýgy adamy Watan bähbitleri ugrunda edermenlik we gahrymanlyk görkezip ýaşamaga ündeýär.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dünýäde Watanyň azatlygyny, onuň gülläp ösüşini öz durmuşynyň many-mazmuny diýip hasaplaýan adamlar köp bolupdyr. Hut şeýle adamlar sebäpli Watan duýgusy, watanperwerlik sypaty adamzadyň durmuşynda iň beýik gymmatlyklardan biri bolup gelýär.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň birinji Prezidenti Jorj Waşington XVIII asyrda Demirgazyk Amerikadaky azatlyk hereketlerine ýolbaşçylyk edýär.

Şol wagtda Amerika Ýewropadaky iri döwletlere garanda ep-esli yzagalakdy. Bu ýerde regulýar armiýa şekillenmändi. Şeýle bir şertde her taraplaýyn ýagşy ýaraglanan Angliýanyň armiýasyna garşy göreş alyp barmak aňsat däldi. Ýöne Watan azatlygyny we garaşsyzlygyny mukaddes saýan Jorj Waşington şeýle howply we çylşyrymly wezipäni amala aşyrmaga berk bil baglap azatlyk hereketine ýolbaşçylyk edýär. Duşman san taýdan, harby üpjünçiligine görä birnäçe esse üstün bolmagyna seretmezden, Jorj Waşingtonyň baştutanlygyndaky watanperwer güýçler ahyrky netijede ýeňiş gazanýarlar. 1782-nji ýylda Angliýa ABŞ-nyň garaşsyzlygyny ykrar edýär.

Watanperwerlik babatda biziň beýik eždatlarymyz hem her taraplaýyn göreldä mynasyp miras galdyrypdyrlar.

Meselem, edermen eždadymyz Jelaliddin Meňguberdiniň mongol basybalyjylaryna garşy on iki ýylyň dowamynda alyp baran göreşi hakynda eşidensiňiz. Ýurdumyza duşman çozup giren wagtynda Jelaliddin ýigrimi ýaşly juwan ýigitdi. Onuň atasy Alauddin Muhammet Horezmşa uzagy oýlanman çemeleşenligi üçin ýurduň harby kuwwaty gowşap, güýçler bölünip gidipdi, şonuň netijesinde onuň goşuny ýeňilýär. Şanyň özi Kaspi deňzindäki adalardan birine baryp jan saklamaga mejbur bolýar.

Rehimsiz söweşlerde gatnaşyp bilmejekdigini duýan Horezmşa ilkinji ogly Jelaliddini mirasdüşer, ýagny tagtyň eýesi edip belleýär. Mert we batyr Jelaliddin öz inileri we 70 sany atly esgeri bilen duşmanyň gurşawynda duran Horezmiň gadymy paýtagty – köne Gürgenje girip gelýär. Ony görüp, halkyň ruhy göterilýär. Jelaliddin Gürgenç bilen Horasanyň arasyndaky sährada özüniň 70 sany esgeri



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bilen duşmanyň 700 adamlyk goşunyna duçar bolýar we olary derbi-dagyn edip, häzirki Owganystanyň çägindäki Gazna şäherine tarap çekinýär. Çingizhan onuň yzyndan 45 müň adamlyk goşuny iberýär. Jelaliddiniň hataryna hem watanperwer ýigitler gelip goşulýar. Perwan diýen ýerde iki arada aýgytly söweş bolýar. Jelaliddiniň goşuny özünden birnäçe esse köp bolan, ýagşy ýaraglanan duşmanyň üstünden ýeňiş gazanýar.



**Ürgençdäki Jelaliddin Menguberdiniň heýkeli**

Şondan soň Çingizhan bu ýeňilmez serkerde bilen şahsy özi göreş alyp barmakçy bolýar. Sind, ýagny Hind derýasynyň boýundaky söweş diýen at bilen taryhda galan bu çaknyşyk 1221-nji ýylyň 24-nji noýabrynda bolýar. Çingizhan san-sajaksyz esgeri bilen gara tüweleý ýaly inip gelýärdi. Ýöne ýaş serkerde özüni ýitirmän, mertlerçe söweşe girýär. Duşman onuň sag we çep ganatyndaky güýçleri böwsüp geçýär. Jelaliddin bary-ýogy 70 sany saýlanan esgeri bilen ortada galýar. Ol şir ýaly kä saga, kä çepe taşlanyp, duşmanyň leşgerini derbi-dagyn edýär. Mongollar bolsa onuň daşyny gurşap almak bilen barha gysyp gelýärdi.

Aýtmaklaryna görä, şol wagtda mert we edermen Mawerannahr perzendiniň ruhuny söndürmek üçin Çingizhan onuň 7–8 ýaşlaryndaky ogluny tutup alyp öldürýär. Jelaliddin duşmanyň eline ýesir düşmezlik üçin soňky sekuntlarda maşgalasynyň ýanyna gelip, öz perzentleri bilen hoşlaşýar. Soňra ýene duşmana tarap okdurylyp, olary çekinmäge



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mejbur edýär we derýanyň kenaryna baryp, pyşgyryp akýan derýa at salýar we ondan şemal ýaly geçip gidýär. Şol wagtyň özünde kenara ýetip gelen Çingizhan onuň gujur-gaýratyna haýran galýar we ogullaryna garap şeýle diýipdir: «Hakyky ogul ynha şeýle bolmalydyr».

Jelaliddin Meňguberdä şonça gujur-gaýrat we edermenlik beren güýç Watan duýgusy, ene ýurda bolan muhabbet, halkyň oňa bolan ynamydy. On iki ýyllyk durmuşyny üznüksiz söweşler bilen geçiren bu beýik serkerde ömrüniň soňky pursatlaryna çenli öz ygtykadyna wepaly bolup galýar. Şu sebäpli onuň azatlyk ugrundaky işleri rowaýatlara, mübärek ady bolsa mertlik we edermenlik tymsalyna öwrüldi. Ýurdumyzda «Jelaliddin Meňguberdi» ordeni esaslandyryldy. Şu günki günde ýokary watanperwerlik sypatlary bilen il-ýurt hormatyny gazanan ýurtdaşlarymyz ine şu orden bilen sylaglanýarlar.

1999-njy ýylda Jelaliddin Menguberdiniň 800 ýyllygy ýurdumyzda giňden bellenip geçildi. Horezm welaýatynyň merkezi bolan Ürgenç şäherinde onuň uly heýkeli guruldy.

## Soraglar we ýumuşlar:

1. Watanperwerlik adamyň nähili hereketlerinde ýüze çykýar?
2. Watanperwerlik duýgusy haçan sypata öwrülýär?
3. Bu duýgy nähili terbiýelenýär?
4. Beýik Watanperwer eždatlarymyz barada aýdyp beriň.
5. Şu heýkellerde haýsy beýik eždatlarymyzyň keşpleri görkezilen?


1



2


3


4



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Amaly sapak*

# ÖZBEGISTANYŇ JANYPKEŞ PERZENTLERI

Adamda ruhy edermenlik duýgusy bolýar. Hut şu duýgy onuň bütin endamyny herekete getirip, gahrymançylyga ündeýär.

**«Halkymyz hemişe ruhy edermenlik duýgusy bilen ýaşapdyr we bu beýik duýgy onuň durmuşynda ýyllar, asyrlar geçdigi saýyn barha güýçlenip, rowaçlanýar»[1].**



Ýurdumyzyň şu günki janypkeş we gahryman perzentleri hakynda köp geplemek we mysallar getirmek mümkin. Çünki halkymyzyň garaşsyzlygyny gazanmagynyň özi ruhy edermenligiň önümi bolşy ýaly garaşsyzlyk ýyllaryndaky ähli üstünliklerimiz we sepgitlerimiz hem uly ruhy edermenligiň netijesidir.

Mundan şeýle netije çykarmak mümkin, ýagny döwlet ýolbaşçysynyň watanperwerlik sypatlary halk üçin, millet üçin diňe bir görelde mekdebi däl, eýsem gözlenýän haýyrly maksatlara ýetmegiň aýgytlaýjy faktory hemdir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda müň-müňlerçe watanperwer ýaşlar ýetişip çykýarlar. Aýratynam, döwletimiziň serhetlerini terrorçy toparlardan goramakda mertlik we gaýduwsyzlyk görkezip, gahrymanlarça heläk bolan batyr ýigitleriň edermenligini ilýurdumyz hiç haçan unutmaýar. Bu edermenlik ýaşlarymyzyň

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 169-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

eždatlarymyza mahsus watanperwerlik däplerini wepalylyk bilen dowam etdirýändigini, ene ýurt, onuň parahatçylygy, halkymyzyň asudalygy şu günki ýaş nesil üçin hem iň mukaddes gymmatlyk bolup galýandygyny görkezdi. Mahmytjan Jelilow, Alyşir Salimow, Baburjan Ganiýew, Saýýor Sa'dinow, Gafurjan Rajabow, Marufjan Rajabow, Ilaman Atajanow, Abduhalim Taşkulow, Ýunus Ahunow, Ulugbek Barnoýew, Doniýor Tojibaýew, Gahryman Madalimow ýaly ýaş söweşijileriň we ofiserleriň ady Watan goragy ugrunda jan beren gahryman eždatlarymyz hataryndan orun aldy. Bu ýigitleriň aglabasy entek durmuş lezzetinden doýmadyk, dünýä nygmatlaryndan ganyp ýetişmedik ýigitlerdi. Ýöne olar ýurduň garaşsyzlygyny, ilimiziň parahatçylygyny hemme zatdan eziz saýyp, özlerini ine şu ýokary maksada pida etdiler.

Leýtenant Babur Ganiýewiň enesi Munewwer apanyň Watan goragy ugrunda heläk bolan ogly hakynda aýdan sözleri öz perzendinden biwagt aýrylan ata-eneleriň kalbyndaky mukaddes ýurdumyzyň topragyna bolan muhabbetiň beýanydy.

***«Oglumyň ömri biderek gitmedi. Men oňa beren ak süýdümden razydyryn. Çünki balam köçe-köýde bezzatlyk edip, biri bilen ýumruklaşyp aradan çykmady. Ol Watanyny, halkyny goramak ugrunda janyny pida etdi»[1].***





[1] «Vatan fidoyilari». –D.: «Ma'naviyat», 2000-nji ýyl, 10–11-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu günki günde ylym-bilim, medeniýet we sport ugurlarynda abraýly ýaryşlarda, gözden geçirilişlerde we festiwallarda mynasyp gatnaşyp, ýurdumyzyň baýdagyny beýik galdyrýan ýaşlar hem hakyky Watanperwerlerdir. Şonuň ýaly-da, okuwda, işde, harby gullukda, maşgala gurmakda başgalara görelden bolýan ýaşlary-da olaryň hataryna goşmak mümkin.

**«Her gün, her sagatda janypkeş bolmak, özüni ýuwaş-ýuwaşdan beýik maksatlara tarap ýadaman, haldan taýman dyngysyz gönükdirip barmak, bu sypaty hemişelik, gündelik iş ölçegine öwürmek – hakyky gahrymançylyk aslynda ynha şu»**[1].

Watanperwerlik duýgusyny terbiýelemekde köp okamak, oba we mähelle durmuşynda işeňňir gatnaşmak, adamlar bilen gatnaşykda bolmak, olary öwrenmek hem uly ähmiýete eýedir. Çünki adam şolar arkaly öz ýurduny ýene-de ýagşyrak bilýär, oňa bolan muhabbeti artýar. Şonuň ýaly-da, syýahat etmek, Watanyň şäher we obalaryny öwrenmek, dünýäni gezmek hem adamda älem-älem täsir galdyrýar, onuň kalbyny gözelleşdirýär, düşünjelerini giňeldýär. Halkymyz «Ýörän – derýa, oturan – boýra», diýip ýöne ýere nakyl etmändir ahyryn. Göz öňüne getirip görüň, ýarym inli boýra nirede, näçe-näçe şäherdir obalar, jülgeler arkaly akyp geçýän derýa nirede! Elbetde, derýa ýaly joşup, daşyp ýaşamak adamy beýgeldýär.

***«Ene ýurda, ene topraga wepalylyk bilen, kimiň neslidigini hyýalyndan çykarmazdan, durmuşda anyk maksat we ygtykat bilen ýaşaýan harby adam Ýaragly Güýçlerimiziň iň ynamly daýanjy we söýenjy, baýlygy, diýsek, hiç nähili ýalňyş bolmaýar»***[2].

---

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 165-nji sah.

[2] **Islam Karimow**. Vatanga qasamyod, mardlik va jasorat madhiyasi. –D.: «O'zbekiston» neşirýaty, 2010-njy ýyl, 6-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Watanperwerlik adamy näçe ýokary göterse, Watana hyýanat şonça hor-zar edýär. Watana hyýanat ata, enä hyýanat etmek bilen barabardyr. Dünýä dünýä bolaly bäri, entek öz iline we ýurduna hyýanat eden adamyň işi gowulaşanyny hiç kim gören däldir.

**Watan barka, watanperwerlik iň ýokary sypatlardan biri bolmagynda galýar we ine şu şöhrata mynasyp perzentler hem ýetişiberýärler.**

Watanperwerlik babatda ilki bilen Watanyň özi beýik terbiýeçi hasaplanýar. Onuň sahawatly topragy, gaýtalanmaz tebigaty, bir-birinden gözel şäherleri we obalary, şanly taryhy, baý medeniýeti, ar-namysly, zähmetkeş, sada we ak göwünli adamlary, eždatlar hatyrasy, nesilleriň bagty – ähli-ählisi adamy özi doglan topraga baglap durýar, şu topragyň janypkeş perzendi bolmaga ündeýär.

Ene Özbegistanymyz – ine şeýle çäksiz ülke. Diýmek, biziň üçin oňa mynasyp perzent bolmakdan artyk bagt ýok.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Ýurdumyzyň bu günki janypkeş perzentleri barada gürrüň edilende ilki bilen kimi agzaýarys?
2. Suratlara garap, dürli ugurlardaky watanperwer ýaşlar barada aýdyň.


1


2


3


4

3. Meşhur sportçy ýaşlardan kimleri bilýärsiňiz?
4. Siz synpdaşlaryňyzdan kimleri hakyky watanperwer diýip hasaplaýarsyňyz we näme üçin?
5. Geljekde kim bolmakçysyňyz we Watanymyza nähili gulluk etmekçi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## WATANY BEÝGELTMEK

Eziz okuwçy, ata Watanymyz doglan günümizden başlap bize bar mährini berýär. Onuň gujagynda sagdyn bolup ösüp-ulalmagymyz üçin ähli şertleri döredýär. Wagty gelip, biz kämil adam bolanymyzda Watanyň öňündäki karzymyzy bermek, oňa wepalylyk bilen gulluk etmek esasy borjumyza we wezipämize öwrülýär.

**Ýaşlar hemme zamanlarda hem milletiň söýegi, halkyň daýanjy bolup gelipdir.**

Halkymyz «Ýaşlar – Watan geljegi» diýýär. Özüniň geljegini oýlan islendik döwlet, ilki bilen, ýaşlaryň terbiýesine uly üns berýär. Ýaponiýa döwleti Ikinji jahan urşunda şowsuzlyga duçar bolup, örän köp zyýan çekipdi. Onuň Hirosima we Nagasaki diýen şäherlerine taşlanan atom bombasynyň pajygaly netijeleri häzire çenli şu ýurduň adamlaryny aladalandyrýar. Şeýle agyr we çylşyrymly ýagdaýa düşendigine seretmezden, bu döwlet uruşdan soň ýaşlaryň terbiýesine uly üns berdi. Birinji nobatda bilim ulgamy reforma edildi. Şonuň netijesinde ýaşlar iň döwrebap bilimleri eýeläp, öz ýurduny ösüş babatda dünýädäki öňdebaryjy orunlara çykardy. Millionlarça watanperwer ýaşlaryň güýç-gaýraty we janypkeşligi bilen şu günki günde Ýaponiýa dünýädäki iň güýçli döwletlerden birine öwrüldi.

Ýa-da ýurdumyzyň taryhynyň geçen asyryň başyndaky döwrüne üns bereliň. Şol wagtda kalby we aňy magaryf bilen dolan ýurdumyzyň ýaşlary ösüş taglymlaryny orta atyp, gazet-žurnallary neşir etdirmek, mekdepleri açmak, teatr tomaşalaryny goýmak, haýyr-ygsan jemgyýetlerini düzmek ýaly haýyr işler bilen meşgullanypdyrlar. Hususan-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE


**Abdulla Awlany**

da, Mahmythoja Behbudi, Abdulhamid Çolpan, Abdulla Kadyry, Abdulla Awlany ýaly watanperwer babalarymyz ilkinji eserlerini ýazyp, medeni aň-bilim ýaýratmak işini başlanda entek ýaş ýetginjekdiler. Emma, gynansak-da, öňki sowet düzümi olaryň asylly ymtylyşlaryna ýol bermedi. Bu şahsyýetleriň aglabasy şol ýowuz düzümiň gurbanyna öwrüldi, ýöne olaryň göreldeli işleri, gowy däpleri garaşsyzlyk ýyllarynda gaýtadan dikeldildi we dowam etdirilýär. Meselem, hut şu eždatlarymyz esaslandyran milli teatr – bu günki Özbek milli akademik drama teatrynyň 100 ýyllyk ýubileýi 2014-nji ýylda ýurdumyzda giňden bellenip geçildi.

Taryhyň ynha şeýle sapaklaryny hasaba almak bilen, şu günki günde ýurdumyzda ýaşlaryň terbiýesine uly üns berilýär.

***«Bu hakda pikir ýöredende, men Abdulla Awlanynyň «Terbiýe biziň üçin ýa durmuş – ýa ölüm, ýa çykalga – ýa heläkçilik, ýa bagt – ýa betbagtçylyk meselesidir» diýen çuňňur manyly sözlerini ýatlaýaryn. Beýik magaryf söýüji babamyzyň bu sözleri geçen asyryň başynda milletimiz üçin näçe möhüm we derwaýys bolan bolsa, häzirki wagtda-da biziň üçin şonça, belki ondan hem görä möhüm we derwaýys ähmiýete eýedir»[1].***

Häzirki wagtda ýurdumyzyň, halkymyzyň öňünde duran ýokary maksatlara ýetmek üçin ýurdumyzda ýaş nesliň her taraplaýyn kämilleşmegine hyzmat edýän netijeli ulgam işlenip çykyldy. Bu ulgamyň kanuny esasyny 1997-nji ýylda kabul edilen Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy, «Tälim baradaky» kanun, 2004-

---

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –T.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 62-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Magaryf merkezi**

nji ýylda kabul edilen Mekdep tälimini ösdürmegiň döwlet umumymilli maksatnamasy, sagdyn nesli ýetişdirmek meselelerine degişli Prezidentiň ençeme permanlary we kararlary, Ministrler Kabinetiniň kararlary, döwlet maksatnamalary düzýär.

Aýratynam, Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasyna görä ýurdumyzda düýpgöter täze bilim ulgamy girizildi. Bu ulgam 12 ýyllyk mejbury tälimi nazarda tutýar. Ýagny, ýurdumyzyň çagalary ilki 9 ýyl umumy orta bilim berýän mekdeplerde okaýar, bu basgançagy tamamlandan soň üç ýyllyk ýörite orta tälim basgançagynda – öz islegine we gyzyklanmasyna garap, akademik liseý ýa-da kesp-hünär kolležlerinde okaýar. Bu bolsa siziň ýaly ýaşlar üçin häzirki zaman bilimleri, kesp-hünärleri, daşary ýurt dillerini öwrenmekde uly mümkinçilikleri döredýär.

Täze bilim ulgamy boýunça ýokary tälim iki basgançakdan – bakalawriatdan we magistraturadan ybarat boldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda döredilen täze uniwersitetler we ýokary okuw edaralary, okuw merkezleri hem ýurdumyzda şekillenen täze bilim ulgamynyň mümkinçiliklerinden biridir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE









Iň möhümi, bu ulgam siziň ýaly ýaşlaryň erkin bilim almagy, sagdyn we kämil bolup ýetişmegi üçin hyzmat edýär.

Ýöne şu günki günde Watanymyzyň geljegine göriplik edýän, onuň beýik döwletleriň hataryndan orun tutmagyny islemeýän güýçler hem tapylýar. Olar ilki bilen ýurdumyzyň geljegini kesgitleýän ýaş nesli öz täsirine almakçy, şeýdip ýurdumyzyň geljegine palta urmakçy bolýar. Şeýle howp-hatarlara halkara terrorçylyk we ekstremizm, dini dogmatizm, dürli zyýanly aňyýet akymlary, ahlaksyzlyk, «köpçülikleýin medeniýet» nykaby astyndaky galp medeniýet nusgalary, neşekeşlik, pýançylyk, çilimkeşlik ýaly nogsanlar girýär.

Häzirki ýaşlaryň ýoluna böwet bolýan ähli nogsanlara garşy göreşmegiň iň netijeli ýoly – bilim we medeni aň-bilimdir. Şonuň üçin ýurdumyzda tälimiň hilini gowulandyrmaga, ýaşlary mert we kämil adamlar edip terbiýelemäge uly üns berilýär. Çünki dünýä diňe mert we güýçli, özüniň talantyna, bilimine we tejribesine daýanyp ýaşaýan adamlary ykrar edýär we hormat edýär. Şeýle derejä ýetmek üçin bolsa dyngysyz okap-öwrenmek, hem beden taýdan, hem ruhy-intellektual taýdan güýçli bolmaly.

Siz halkara sport olimpiadalaryny, başga abraýly ýaryşlary gördüňizmi? Olarda haýsy ýurduň baýdagy köpräk galdyrylyp, döwlet



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



senasy köpräk ýaňlanýar? Haýsy ýurduň sportçy ýaşlary köpräk altyn medallary ele alsalar!

Diňe şonuň özi mertleri, güýçli perzentleri köp ýurdy bütin dünýä ykrar edip, hormat edýändigini görkezýär.

Eziz okuwçy, şuny ýatdan çykarmaň, ýagny azat Watanymyzy beýgeltmek üçin hemmämiz ilki bilen üstümizdäki perzentlik borjumyzy tüýs ýürekden berjaý etmelidiris. Öz kärimizi pugta eýeläp, amaly işimiz bilen ene ýurdumyzyň gülläp ösmegine goşant goşmalydyrys. Siz talanty we ussatlygy bilen ýurdumyzyň adyny dünýä ýaýmaga hyzmat edýän ýaşlarymyz barada telewideniýe, radio we gazetler arkaly habarly bolansyňyz. Aýratynam, halkara taýpadaky sudýa, «Özbegistanyň buýsanjy (O‘zbekiston iftixori)» adynyň eýesi Rawşan Irmatow, agyr atletika boýunça jahan çempiony Ruslan Nuriddinow, küşt boýunça halkara grosmeýster Nafisa Möminowa ýaly dogan we agalaryňyzyň sport ugrundaky işlerinden görelde alyp, olar ýaly Watanymyzy öz talantyňyz bilen dünýä tanatmaga ymtylyp ýaşamak siziň üçin hem esasy maksat bolmalydyr.

Adam üçin göbek ganynyň daman gadyrdan ülkede ýaşamak nähili beýik bagt bolsa, onuň geljegini gurmakda gatnaşmak şonça uly şöhratdyr. Siziň üstüňizde-de ynha şeýle jogapkärli wezipäniň bardygyny hiç haçan unutmaň.

### ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Näme üçin ýaşlar – Watanyň geljegi, diýýäris?
2. Öz ýurdunyň geljegini dörediji bolmak üçin ýaşlar nähili sypatlara eýe bolmaly?
3. Dünýä kimi ykrar edýär we hormat edýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4. Ýurdumyzyň adyny dünýä ýaýmaga mynasyp goşant goşýan ýaşlardan kimleri bilýärsiňiz?
5. Şu suratlardaky adamlary tanaýarsyňyzmy? Olar haýsy ugurlardaky üstünlikleri bilen bize görelde bolýarlar?


1

2

3

4

## «Biz hiç kimden kem bolmarys» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 94–96-njy sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 13–16-njy sahypalar.

3. Ma’naviy yuksalish yo‘lida. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2008-nji ýyl, 16–20-nji sahypalar.

4. XXI asr: istiqbolimiz timsollari. Daşkent, «O‘zbekiston» neşirýaty, 2001-nji ýyl.

5. Ykbal Mürze. Agar jannat ko‘kda bo‘lsa... Daşkent, «Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasynyň baş redaksiýasy, 2010-njy ýyl, 5–8-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TÄLIM BILEN TERBIÝÄNIŇ SAZLAŞYGY

Eziz okuwçy, islendik ýurduň güýç-kuwwaty, ilki bilen, onuň halkynyň we perzentleriniň saglygyna gönüden-göni bagly.

*Adamyň bedeni öz wezipesini doly ýerine ýetiriş kuwwatyna eýe bolsa, ony sagdyn diýýäris. Sagdynlyk iki hili bolýar. Birinjisi – beden taýdan sagdynlyk, ikinjisi bolsa – ruhy sagdynlyk.*

Eger adamyň bedeni hem, ruhy hem sagdyn bolsa, talaba laýyk adam hasaplanýar we onuň kämil adama öwrülmegi mümkin. Şonuň üçin ol bedenini hem, ruhyýetini hem hemişelik ýagdaýda bişişdirip, terbiýeläp durmaly. Şeýle kämilleşme prosesi bir ömür dowam edýär.

*Özünden kanagatlanmazdan, hemişe öňe, kämillige ymtylyp ýaşaýan adam kämil adamdyr.*

Diýmek, kämil boljak diýen adam hemişe öňe ymtylyp ýaşamaly. Munda onuň nähili kesbiň eýesidigi, haýsy taýpa ýa-da millet wekilidigi möhüm däl. Ýönekeý çopan ýa-da gurluşykçy bolmak bilen, öz kesbi, halal zähmeti arkaly şan-şöhrat tapan ýüzlerçe adamlar aramyzda kän. Ýa-da dünýä möçberinde sungat, ylym-bilim, sport ugrunda beýik açyşlar eden adamlary bir ýada salalyň. Olaryň her biri dürli dine we ygtykada degişli. Ýöne bu ýagdaý olaryň ynsany kämilligine päsgel bermeýär, tersine, kömek bermegi mümkin.

Aýratynam, adamyň Watanyna we halkyna bolan söýgüsi ygtykat derejesine göterilse, onuň sypatlary has-da artýar. Kämillik derejesine ýeten adamlaryň keşbinde diňe bir olara degişli bolan halk we Watan däl, eýsem bütin adamzada mahsus bolan iň asylly aýratynlyklar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýüze çykýar. Meselem, Sokrat, Alyşir Nowaýy, Şekspir, Mahatma Gandi ýaly beýik şahsyýetler hem öz halkynyň, hem bütin adamzadyň beýik perzentleri hasaplanýar. Çünki olaryň keşbinde tutuş adamzat özi arzuw eden sypatlary görýär.

! **Diýmek, adam il-ýurduna, adamzada näçe köp peýda getirse, şonça kämilleşiberýär.**

Adamyň bedeni we ruhyýeti bir-biri bilen örän baglanyşykly bolup, bedenindäki kemçilik ruhyýete, ruhyýetdäki kemçilik bolsa bedenine täsir edip durýar. Şonuň üçin ata-babalarymyz doga okanda, «Teni- janyň sag bolsun», diýip dileg edýärler.

Beden bilen ruhuň sazlaşygy tälim bilen terbiýeçilik işini bir bitewilikde sazlaşykly alyp barmagy talap edýär.

! **«Tälimi terbiýeden, terbiýäni bolsa tälimden aýryp bolmaýar – bu gündogar mahsus garaýyş, durmuş filosofiýasydyr»[1].**

Käte her taraplaýyn sagdyn doglan adam nädogry terbiýe netijesinde hem beden taýdan, hem ruhy taýdan maýyp bolup galmagy mümkin.

**Bedeniň keselligi beden agzalarynyň dürli agyrylara duçar bolmagynda görünse, ruhuň nogsany adamyň ýalançylyk, ýaltaçylyk, biperwaýlyk, gaharjaňlyk, menmenlik ýaly ýaman adatlarynda ýüze çykýar.**

! **Beden hem, ruh hem hemişe idege mätäçdir. Şu sebäpli adamyň sagdyn we kämil ösmeginde terbiýe baş ölçegdir.**

Sagdyn perzent – jemgyýetiň gymmatly baýlygydyr. Çünki adam diňe sagdyn bolanda talanty, akly we gaýraty bilen Watanyna gulluk edip bilýär. Şu sebäpli öz geljegini oýlaýan jemgyýet ýaş nesliň beden

---

[1] **Islam Karimow**. Belent ruh – ýeňilmez güýç. –D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 61–62-nji sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





we ruhy kämilligi hakynda aladalanýar. Emma adam kämillik ýaşyna ýetip, özbaşdak durmuşa gadam goýandan soň, öz takdyry hakynda özi kelle döwmeli, ruhy we beden terbiýäni durmuş terzine öwürmelidir.

**Bedeni we göwni arassa saklamak, sport bilen meşgullanyp, ony taplamak, wagtynda işläp, wagtynda dynç almak, yzygider ýagdaýda lukmançylyk gözegçiliginden geçip durmak, sungat we medeniýet serişdeleri arkaly ruhyýeti, aňy-pikiri baýlaşdyrmak, ýaman işlerden gaça durmak, ýagşy işlere baş goşmak – bularyň ählisi özüni özi terbiýelemäge girýär. Şeýdip adam sagdyn durmuş terzine, kämillige barha ýakynlaşýar.**

*Sagdyn durmuş terzi diýip, zyýanly adatlardan azat bolan, ylym, ruhyýet, sport arkaly özüni özi terbiýeleýän, adamyň, maşgalanyň we jemgyýetiň kämilleşmegine hyzmat edýän durmuş ýörelgesine aýdylýar.*

Adam özüni terbiýelemegi üçin onda güýçli erk bolmaly. Özüniň hünäri, talanty bilen uly netijeleri gazanan adamlaryň durmuşyna nazar taşlasak, olaryň işinde erjelligiň aýgytlaýjy orun tutýandygyny görýäris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Aýratynam, sportçylaryň dürli ýaryşlarda mertlik we edermenlik görkezýändigini köp görensiňiz. Meselem, meşhur özbek boksçysy Rufat Riskiýewiň 1974-nji ýylda Kubada bolup geçen jahan birinjiliginde görkezen edermenligi üns bererlikdir. Şonda edermen sportçymyz ýarym final bäsdeşliginde gaty şikeslenýär we bir eli agyr ýaralanan ýagdaýynda final oýnuna gatnaşýar. Rufat Riskiýew öz ýurdunyň, halkynyň şan-şöhratyny oýlap, erkini jemläp, gaýduwsyzlyk bilen ýaryşy dowam etdirýär we ahyrynda güýçli garşydaşyny ýeňýär.

Rufat Riskiýew şeýdip özbek boksçylaryndan birinji bolup jahan çempioni diýen ýokary şöhrat gazanýar.

Şeýle erjellik, ýokary sypatlar bize ata-babalarymyzdan miras bolup gelýär. Taryhy kitaplarda ýazylmagyna görä, bir söweşde Emir Temur babamyzyň aýagyna we eline ok degip, agyr ýaralanýar. Şoňa seretmezden, söweş meýdanyny terk etmeýär. Tersine, esgerleriniň ruhuny göterip, duşmana garşy gaýduwsyz hüjüme başlaýar we ahyrky netijede öz leşgeri bilen duşmanyň üstünden ýeňiş gazanýar.

Uly erk, beýik edermenlik nusgasyny biz ýene bir edermen babamyz Babur Mürzäniň durmuşy mysalynda hem görüp bileris. Onuň ömür kitaby bolan «Baburnama» eserini okansyňyz, 12 ýaşyndan – Andijanyň tagtyny eýeländen tä ömrüniň ahyryna çenli bu adam ruhy edermenlik görkezip ýaşandygyna göz ýetirýäris. Babur Mürze, Şeýbanyhanyň yzarlamasyndan gaçyp, Hojant daglarynda sergezdan ýören çaglarynda, aýazly gyş wagtynda deryýanyň suwuna birnäçe gezek düşýär. Ýagşysy, bu hakda beýik babamyzyň özünden eşideliň: **«Ul martabada sowuk edikim, oşul iki-üç adam bu barada sowukniň gazabyndan ölüb edi... Bir aryk suýidakim, ýakalary galyň buz tongub edi, ortasi suwniň tizligi jihatidin ýah baglamaýdur edi, bu suwga kirib, gusl kyldym[1]. On alti katla suwga çomdum. Suwniň sowukligi heýli täsir kyldy».**

Adamlar geýime dolanyp hem sowukdan heläk bolýan bir wagtda buz ýaly suwa on alty gezek çümüp çykmak aňsatmy? Şonuň üçin

[1] **Gusl kyldym** – suwa düşdüm.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



adamyň bedeni gaty güýçli bolmak bilen birlikde, onuň erki-de pugta bolmalydyr, elbetde.

Hakykatdan hem, takdyryň islendik synaglaryna çydamak, olary mertlerçe ýeňip geçmek, ýokary sypatlary ýüze çykarmagy ata-babalarymyz durmuş synaglaryna taýýar bolmagyň möhüm şerti hasaplapdyrlar. «Alpamyş» dessanynyň baş gahrymany Hekimbek – Alpamyş öz maksadyna ýetýänçe näçe synag we maşakgatlara duçar bolýar. Ýöne ol hiç haçan umytsyzlyga düşmeýär. Çünki özüniň güýjüne we mümkinçiliklerine, erkine berk ynanýardy. Şonuň üçin ahyrky netijede togsan alpyň üstünden ýeňiş gazanyp, Berçinaýy öz ýurduna alyp gitmäge miýesser bolýar.

Şu günki günde ýurdumyzda ýaşlaryň sagdyn we kämil bolup ýetişmegi üçin köp işler edilýär. Ýurdumyzda garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap Prezidentimiziň başlangyjy bilen «Sagdyn nesil üçin» halkara haýyr-yhsan gaznasy, şu atda žurnal döredildi. Watanymyzyň birinji ýokary nyşany hem «Sagdyn nesil üçin» ordeni diýlip atlandyrylýar. Ýurdumyzda eneleriň we çagalaryň saglygyny berkitmek, sport we bedenterbiýäni ösdürmek üçin döwrebap sagdyn-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



laşdyryş toplumlary, keselhanalar, sport mesgenleri gurulýar. Aýratynam, «Umid nihollary», «Kämil nesil», «Uniwersiada» ýaryşlaryny öz içine alýan üç basgançakly bitewi ulgam şekillenendigi dünýädäki başga ýurtda duşmaýan seýrek hadysadyr.

Ýurdumyzda 2000-nji ýyl – «Sagdyn nesil ýyly», 2001-nji ýyl – «Ene we çaga ýyly», 2008-nji ýyl – «Ýaşlar ýyly», 2010-njy ýyl – «Kämil nesil ýyly», 2014-nji ýyl bolsa «Sagdyn çaga ýyly» diýlip yglan edilip, ýörite döwlet maksatnamalary esasynda giň gerimli işler amala aşyrylandygy hem siziň ýaly ýaş nesliň wekilleri barada nähili uly alada edilýänliginiň amaly beýanydyr.

Ýurdumyzyň ýaşlary şeýle ýokary ünsden ruhlanyp, dürli ugurlarda ilkinji guwançly üstünlikleri gazanýarlar. Meselem, 2014-nji ýylda 10 sany okuwçy iri halkara we saz festiwallarynda «gran-pri» diýlip atlandyrylýan iň ýokary baýragy, 60 sanysy bolsa birinji orny aldylar. Hytaý Halk Respublikasynyň Nankin şäherinde geçirilen ýetginjekleriň olimpiadasynda 28 sany ýaş sportçymyz 4 altyn, 3 kümüş, 3 bürünç, jemi 10 sany medalyň eýesi boldy. Günorta Koreýanyň Inçeon şäherinde geçirilen Aziýa oýunlarynda bolsa Özbegistanyň wekilleri 9 sany altyn, 14 kümüş, 21 bürünç, jemi 44 sany medala sezewar boldular.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eziz okuwçy, şu derslikde Prezidentimiz Islam Karimowyň «Belent ruh — ýeňilmez güýç» kitabyna ýygy-ýygydan ýüzlenilmegi ýöne ýerden däldir. Ýatda saklaň, bu kitap hut siziň ýaly juwan nesliň wekilleri üçin ýazylandyr. Uly bolanyňyzda bu kitaby özüňiz özbaşdak okap-öwrenip, onda beýan edilen pikirleriň many-mazmunyna has-da çuňňurrak düşünip, akyl ýetirjekdigiňize ynanýarys.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Nähili adama sagdyn diýýäris?
2. Kämil adam bolmak üçin näme etmeli?
3. Nähili adama kämil adam diýmek mümkin?
4. Tälim bilen terbiýäni näme üçin bir-birinden aýryp bolmaýar?
5. Şu suratlarda görkezilen sapaklaryň haýsysy bedeni, haýsy biri bolsa ruhyýeti terbiýelemäge hyzmat edýär?


1


2


3


4

6. Özüni özi terbiýelemek diýende nämäni düşünýärsiňiz?
7. Meşhur boksçy Rufat Riskiýew nädip jahan çempiony boldy?
8. Beýik eždatlarymyzyň edermenlikleri barada nämeleri bilýärsiňiz?
9. Prezidentimiz Islam Karimowyň «Belent ruh – ýeňilmez güýç» kitaby kimlere bagyşlanyp ýazylypdyr?

## «Ýaşlar – Watan geljegi» temasyndaky amaly sapak üçin edebiýatlar

1. Islam Karimow. Belent ruh – ýeňilmez güýç. Daşkent, «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 60–64-nji sahypalar.

2. Islam Karimow. Vatan va xalq mangu qoladi. Daşkent, Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 126–130-njy sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GAÝTALAMAK

## «MADDY WE RUHY DURMUŞ» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Ruhyýet diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Adamzat nähili islegler bilen diri?
3. Diňe maddy ýa-da ruhy ymtylyş bilen ýaşap bolarmy?
4. Prezidentimiz maddy we ruhy älemi nämä deňeýär?
5. Pawel Tretýakow maddy baýlygyny nämä sarp edipdir?
6. Alfred Nobel nämä?
7. Alyşir Nowaýy şahsy serişdeleriniň hasabydan nähili işleri amala aşyrypdyr?
8. Şu suratlaryň haýsysynda ruhy baýlyklar görkezilen?


1


2


3


4

## TESTLER

**1. Ruhyýet haýsy sözleriň köplük şekli?**

A) «saz», «okamak»
B) «many», «mazmun»
C) «aňyýet», «magaryf»
D) «medeniýet»

**2. Öz serişdelerini haýyrly işlere sarp eden beýik akyldar şahyr kim?**

A) Mukymy
B) Zawky
C) Gülhany
D) Alyşir Nowaýy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3. Maddy we ruhy älemi nämä deňemek mümkin?**

A) Iki parallel çyzyga
B) Perwaz edýän guşuň goşa ganatyna
C) Iki elniň birikmesine
D) Iki goşandyň goşulmagyna

**4. Pälwan Mahmyt kim bolup at gazanypdyr?**

A) Beýik hapyz bolup
B) Ussa hünärment bolup
C) Eli gül binagär bolup
D) Ökde pälwan bolup

### ««OTDA ÝANMAÝAN MIRAS» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

?

1. Ruhy baýlygyň artykmaçlygy nämede?
2. Haýsy kitap on iki müň iri şahly malyň derisine ýazylypdyr?
3. «Awesto» kitaby, otda ýandyrylsa-da, näme üçin bütinleý ýok bolup gitmändir?
4. Aň-düşünjeli halklar maddy baýlyklaryny nämä sarp edýärler?
5. Müň ýylda bir dogulýan alym diýip taryplanýan beýik eždadymyz kim?
6. Ibn Sinanyň iň beýik eseri haýsy?
7. Şu kitaplaryň awtorlarynyň haýsy beýik eždatlarymyzdygyny aýdyň.




## TESTLER

**1. Ruhy baýlygyň artykmaçlygy nämede?**

A) Köp ýer eýelemeýär
B) Otda ýanmaýar, suwda gark bolmaýar
C) Goragçy gerek däl
D) Bozulmaýar, özgermeýär



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2. Aň-düşünjeli halklar maddy baýlyklaryny sarp edýän ugur haýsy?**

A) Gurluşyk
B) Ruhyýet
C) Söwda
D) Senetçilik

**3. Ibn Sinanyň iň beýik eseri haýsy hatarda dogry görkezilipdir?**

A) «Buharanyň taryhy»
B) «Metafizika»
C) «Tib kanunlary»
D) «Bilimli adamlar şäheri»

**4. Alyşir Nowaýynyň eserlerinde ulanan sözleriniň sany näçe?**

A) 21 müň 193 sany
B) 26 müň 35 sany
C) 20 müňden artyk
D) 80 müň sany

## «MILLI GYMMATLYKLARYMYZ» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

?

1. Gymmatlyk sözi nähili manyny aňladýar?
2. Milli gymmatlyklar nähili şekillenýär we kämilleşýär?
3. Nowruz baýramy nämäniň aňlatmasy bolup gelýär?
4. Milletiň özi bilen bile şekillenýän, onuň esasy alamaty bolan nähili gymmatlygy bilýärsiňiz?
5. Milli gymmatlyklar haçan ösýär?
6. Aşakdaky suratlarda nähili urp-adat we gymmatlyklarymyz görkezilen?










### TESTLER

**1. Gymmatlyk sözi haýsy sözden alnan?**

A) Gadyrdan
B) Gadyr
C) Gala
D) Gahar

**2. Milletiň özi bilen bile şekillenýän gymmatlyk haýsy?**

A) Baýramlar
B) Din
C) Dil
D) Medeniýet



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3. Öňki sowet düzüminde milli gymmatlyklarymyz nähili ýagdaýdady?**

A) Gadagan edildi
B) Ösdi
C) Baýlaşdy
D) Gaýtadan dikeldildi

**4. 21-nji mart güni girip gelýän baýramymyz haýsy?**

A) Konstitusiýa güni
B) Watan goraýjylary güni
C) Nowruz
D) Garaşsyzlyk güni

## «UMUMADAMZAT GYMMATLYKLARY» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Umumadamzat gymmatlyklary diýip nämä aýdylýar?
2. Zarduştylyk nähili taglymat?
3. Buddizmi kim esaslandyrypdyr?
4. Dilimizdäki başga dillere terjime edip bolmaýan nähili sözleri bilýärsiňiz?
5. Nowruz baýramynda nähili umumadamzat arzuw-islegleri jemlenen?
5. Suratlarda nähili gymmatlyklarymyz görkezilen?






## TESTLER

**1. Nähili gymmatlyklara umumadamzat gymmatlyklary diýilýär?**

A) Döwrebap gymmatlyklar
B) Gadymy gymmatlyklar
C) Bütin adamzat durmuşy üçin gadyrly, ähmiýetli bolan gymmatlyklar
D) Geljege hyzmat edýän gymmatlyklar

**2. Gadymda haýsy ýol dürli halklaryň üstünliklerinden peýdalanmaga hyzmat edipdir?**

A) Beýik Hytaý ýoly
B) Beýik ýüpek ýoly
C) Beýik Aziýa ýoly
D) Beýik demir ýol



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3. Nowruz baýramynda jemlenen umumadamzat arzuw-islegler.**

A) Semeni
B) Owlakgapdy
C) Batbörek uçurmak
D) Tebigata mähr, ene topragyň nygmatlaryndan lezzetlenip, olary gorap saklamak

**4. Ýurdumyzda geçirilýän halkara saz festiwaly.**

A) Registan
B) Samarkant
C) «Gündogar heňleri»
D) «Nusgawy mukamlar»

## «BIZ – ÖZBEGISTANYŇ RAÝATYDYRYS» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

?

1. Adamyň raýatlygy nämäni aňladýar?
2. Raýat sözi nähili manyny aňladýar?
3. Gadymda raýat sözüniň ýerine ulanylan nähili sözleri bilýärsiňiz?
4. Biz haýsy döwlete degişli?
5. Raýatlyk duýgusyndan näme üçin kalbymyz guwançdan dolýar?
6. Biziň raýat hökmündäki borjumyz nämelerden ybarat?
7. Raýatlyk duýgusy watanperwerlik sypatlarynyň şekillenmeginde nähili orun tutýar?
8. Raýatlyk borjuny mynasyp berjaý edýän adamlardan kimleri bilýärsiňiz?
9. Şu suratlardaky raýatlyk borjuny berjaý edýän adamlar barada aýdyp beriň.










## TESTLER

**1. Raýat sözi nähili manyny aňladýar?**

A) Halk
B) Il
C) Graždanin
D) Wekil



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2. Gadymda haýsy sözler raýat sözüniň ýerine ulanylypdyr?**

A) Halk
B) Il
C) Tabaa, raiýat
D) Halkyýet

**3. Biz haýsy döwlet raýatydyrys?**

A) Baktriýa döwletiniň
B) Kuşan döwletiniň
D) Özbegistan Respublikasynyň
E) Temuriler döwletiniň

**4. Biziň raýat hökmündäki borjumyz nämeden ybarat?**

A) Kanuna amal edip ýaşamak
B) Kitap okamak
C) Teatra we kino barmak
D) Syýahata çykmak

## «WATANPERWERLIK» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

?

1. Watanperwerlik diýip nämä aýdylýar?
2. Watany kim dünýä tanadýar?
3. Watanperwerlik nämeden başlanýar?
4. Hakyky gahrymançylyk näme?
5. Jelaliddin Menguberdiniň edermenligi barada aýdyp beriň.
6. Jelaliddin Menguberdä gujur-gaýrat beren güýç nämedi?

## TESTLER

**1. Watany dünýä tanadýan adamlar kimler?**

A) Hakyky watanperwer şahslar
B) Okuwçy ýaşlar
C) Uly nesil
D) Ýaş nesil

**2. Watanperwerlik nämä akyl ýetirmekden başlanýar?**

A) Özlügi
B) Hakykaty
C) Watan duýgusyny
D) Ruhyýeti

**3. Hakyky gahrymanlyk näme?**

A) Edermenlik
B) Sadalyk
C) Asyllylyk
D) Janypkeşlik



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4. Jelaliddin Menguberdä nähili duýgy gujur-gaýrat beripdir?**

A) Batyrlyk
B) Kämillik
C) Watan duýgusy
D) Ene toprak duýgusy

## «WATANY BEÝGELTMEK» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Näme üçin halkymyz «Ýaşlar – Watan geljegi» diýýär?
2. Öz geljegini oýlaýan döwlet nämä üns berýär?
3. Ýaponiýa nädip güýçli döwlete öwrüldi?
4. Geçen asyryň başynda magaryfperwer eždatlarymyz nähili edermenlik görkezipdirler?
5. Abdulla Awlanynyň terbiýe baradaky pikirlerini aýdyň.
6. Kadrlar taýýarlamagyň milli maksatnamasy haçan kabul edildi?
7. Bu günki günde ýaş nesli öz täsirine almakçy bolýan nähili howp-hatarlar bar?
8. Şu suratlar esasynda ýurdumyzda ýaş nesil üçin döredilen mümkinçilikler barada aýdyp beriň.










## TESTLER

**1. Ýaşlaryň terbiýesine kim üns berýär?**

A) Taryh barada oýlaýan halk
B) Bu günki gün barada oýlaýan jemgyýet
C) Öz geljegini oýlaýan döwlet
D) Ruhyýeti barada oýlaýan millet

**2. Ýaponiýa nähili döwlet?**

A) Uly döwlet
B) Günbatar döwleti
C) Ösýän döwlet
D) Ösen güýçli döwlet



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3. Abdulla Awlanynyň terbiýe baradaky pikirleri haýsy jogapda dogry berlen?**

A) Tälimi terbiýeden aýryp bolmaýar
B) Terbiýe biziň üçin ýa durmuş – ýa ölüm, ýa çykalga – ýa heläkçilik, ýa bagt – ýa betbagtçylyk meselesidir
C) Terbiýe – beýik baýlyk
D) Terbiýe – halypadan

**4. Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy haýsy ýylda kabul edilen?**

A) 2004-nji ýyl
B) 2009-njy ýyl
C) 1997-nji ýyl
D) 1991-nji ýyl

## «TÄLIM BILEN TERBIÝÄNIŇ SAZLAŞYGY» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Kimi sagdyn diýmek mümkin?
2. Kämil sözüniň manysyny bilýärsiňizmi?
3. Bedenterbiýe maşklary nämäni terbiýeleýär?
4. Nämeler ruhuň terbiýesine hyzmat edýär?
5. Şu suratlardan beden we ruh terbiýesine hyzmat edýän halatlary görkeziň.










6. Beýik eždatlarymyzyň edermenlikleri barada mysallar getiriň.
7. Edermenlik görkezip jahan çempiony bolan meşhur boksçymyz kim?
8. Ýaşlara bagyşlap ýazylan seýrek kitabyň adyny aýdyň.

## TESTLER

**1. Kämil sözüniň manysy haýsy hatarda dogry berlen?**

A) Sagdyn
B) Edermen
C) Ýetişen, gutarnykly
D) Bagtyýar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2. Kubada jahan çempiony bolan meşhur boksçymyz kim?**

A) Artur Grigorýan
B) Abbos Atoýew
C) Elşad Rasulow
D) Rufat Riskiýew

**3. Ýurdumyzda haýsy ýyl «Sagdyn nesil ýyly» diýlip yglan edildi?**

A) 2005-nji ýyl
B) 2007-nji ýyl
C) 2000-nji ýyl
D) 2010-njy ýyl

**4. Prezidentimiziň ýaşlara bagyşlap ýazylan kitaby nähili atlandyrylýar?**

A) «Özbegistanyň öz özbaşdak we ösüş ýoly»
B) «Alla kalbymyzda, ýüregimizde»
C) «Belent ruh – ýeňilmez güýç»
D) «Watan we halk baky galar»



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

* * *

*Eziz okuwçy, hindi halkynyň beýik perzendi, Hindistanda XX asyryň 30-njy ýyllarynda başlanan milli azatlyk hereketiniň ýolbaşçylaryndan biri Jawaharla’l Nerunyň (1889–1964) aşakdaky pikirleri hem siziň Watan baradaky düşünjeleriňizi giňeltmäge hyzmat eder, diýip oýlaýarys.*

*Bütin durmuşyny ýurduň azatlygi üçin bagyşlan bu şahsyýetiň tagdyry örän göreldeli. Ol milli azatlyk ruhundaky taglymlary üçin Hindistandaky iňlis kolonial häkimiýet tarapyndan tussag edilen we on ýyldan gowrak ömrüni tussaglykda geçiripdir. 1947-nji ýylda Hindistan garaşsyzlygyny gazanandan soň, Neru ýurduň Baş ministri we daşary işler ministri wezipelerinde işläpdir. Hindi halkynyň arasynda ol «Täze Hindistanyň döredijisi» diýen hormatly ada mynasyp bolupdyr.*

*Neru tussagda ýatan wagtlary Watanyň garaşsyzlygy barada oýlanmak bilen birlikde, atalyk borjuny-da berjaý etmegi unutman – gyzy Indira dünýä taryhy barada ençeme hatlar ýazypdyr. Bu hatlarda dünýä taryhy, adamzat tagdyryndaky iň möhüm wakalar Watanyň bähbitleri nukdaý nazaryndan açyp görkezilipdir. Neru şeýdip gyzynyň kalbyna Watan duýgusyny siňdirmäge, ony berk erkli, ýokary akyl-paýhasly adam, öz halkyna mynasyp perzent edip terbiýelemäge çalyşypdyr. Nerunyň gyzy Indira soňluk bilen atasynyň yzyndan baryp, görnükli syýasatçy we döwlet işgäri, Hindistanyň watanperwer we janypkeş perzendi bolup ýetişipdir. Onuň bu derejä ýetmeginde, şübhesiz, atasynyň terbiýesi, şol sanda, tussaghanadan ýollan hatlary hem uly orun tutupdyr.*

*Köp ýyllaryň dowamynda Hindistanyň Baş ministri bolup işlän, öz ýurdunyň gülläp-ösmegine, dünýä halklarynyň arasyndaky dostlugy pugtalandyrmaga uly goşant goşan Indira Gandi şol hatlaryň ýazylmagyna sebäp bolan meşhur aýaldyr. Gynansak-da, bilimli, dana syýasatçy hindi halkynyň duşmanlary tarapyndan öldürilýär. Indira Gandiniň ogly Radjiw Gandi hem babasynyň we enesiniň ýolundan baryp, görnükli döwlet işgäri bolup ýetişen we gynansak-da, ol hem ýowuzlygyň gurbany bolupdyr. Häzirki wagtda onuň işini aýaly Soniýa Gandi dowam etdirýär.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Jawaharla’l Nerunyň gyzyna ýazan hatlary üç jilde toplanyp, «Dünýä taryhyna bir nazar» ady bilen çap edilipdir. Siziň dykgatyňyza hödürlenýän şu hatda beýik eždadymyz Zahiriddin Muhammet Babur barada hekaýa edilýär, şu beýik şahsyýetiň Hindistanyň ösüşine goşan goşandyna uly baha berilýär.*

## Babur

*1932-nji ýyl 3-nji senýabr*

Men saňa Babur hakynda öň hem käbir zatlary hekaýa edipdim. Ol Temuryň neslindendi. Babur dünýädäki iň dilber we sowatly adamlardan biri bolupdyr. Ol dar mezhebçilik we dini dogmatik garaýyşlardan daşdady. Gülleri we baglary söýýärdi, Hindistanyň jöwzaly yssysynda özüniň Orta Aziýadaky Watanyny tiz-tiz ýatlaýardy. Babur Samarkandyň hökümdary bolanda 11 ýaşly oglandy[1] . Şu wezipäniň hötdesinden gelmek ep-esli uly adamyň hem elinden gelmeýärdi. Onuň daşyny duşmanlar gurşap alypdy.

Ýaş oglanlar we gyzlar mekdebe gatnaýan ynha şu ýaşda ol eline gylyç alyp, söweş meýdanlarynda göreş alyp bardy. Ol öz tagtyny elden giderip, ony ýene täzeden ele aldy we özüniň howsalaly durmuşynda näçe-näçe synaglara duş geldi. Şoňa seretmezden, edebiýat, şygryýet we sungat bilen meşgullanmaga wagt tapdy. Ýaşlyk hyjuwy ony rahat ýaşamaga goýmaýardy. Ýaş şazada Kabuly zabt edensoň, Hindikuş dagyndan aşyp, Hindistana çozup girdi. Baburyň leşgeri onçakly köp däldi, ýöne onda şol wagtlar Ýewropa we Günbatar Aziýada ulanylyp başlan täze kysymly toplar bardy. Şu söweşde oňa garşy göreşden san-sajaksyz söweşijiler ine şu gowy taýýarlykly az sanly leşger tarapyndan toplaryň kömeginde bütinleý derbi-dagyn edilýär we Babur ýeňiş gazanýar.

---

[1] Neru öz hatlaryny türmede ýazany, e1 astynda zerur kitaplar bolmadygy üçin käte näanyklyklara hem ýol beripdir. Babur 11 ýaşynda däl, 12 ýaşynda Ferganada patyşa bolupdyr. Bu hakda onuň özi «Baburnama»da «Fergana welaýatynda on iki ýaşda patyşa boldum», diýip ýazýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýöne bu beýik şahsyýetiň takdyryndaky kynçylyklar şunuň bilen tamamlanmaýar, onuň durmuşy ýene telim gezek howp-hatarlara duçar bolýar. Bir gezek onuň durmuşy gylyň üstünde duranda, leşgerbaşylary demirgazyga tarap çekinmegi maslahat berýärler. Ýöne ol gaýduwsyz adamdy, şu sebäpli, yza çekinenden görä, ölümi makul bilurmen, diýip jogap berýär.

Ol meýi ýagşy görýärdi. Emma öz durmuşynyň ynha şu howply pursatlarynda içmegi taşlamagy karar edýär we özüniň ähli jamlaryny döwüp taşlaýar. Ol şonda ýeňýär we öz ähdine wepaly bolup, meýi gaýdyp agzyna almaýar.

Babur Hindistanda bary-ýogy dört ýyl ýaşady. Soň ol aradan çykdy. Şu dört ýyl dyngysyz söweşler bilen geçdi, onuň aramy ýokdy. Ol Hindistanda keseki we ýat hökümdar bolmagynda galdy, çünki bu diýary gowy bilmeýärdi.

Babur Agra şäherinde ýokary derejeli paýtagt gurdy. Şu maksatda Konstantinopol – Stambuldan meşhur bir binagäri alyp gelmek üçin ýörite adam iberýär.

Ol Hindistan hakynda, onuň haýwanlary we gülleri, agaçlary we miweleri barada hekaýa edýär, hatda gurbagalaryny-da ýatdan çykarmaýar. Öz Watanyndaky gawunlary, üzümleri we gülleri ýatlap, onuň kalby çäksiz küýseýärdi we tolgunýardy.

Şol bir wagtda Hindistandaky adamlardan göwnüniň galandygyny-da gizlemeýärdi. Şanyň ýazmagyna görä, bu ýerde olaryň peýdasyna gepleýän ýekeje-de ynsana duşmandyr. Ähtimal, ol on ýyl dowam eden söweşler sebäp, bu ýerdäki halky öwrenmäge pursat tapan däldir, ep-esli medeniýetli taýpalar bolsa täzeden peýda bolan basybalyjy hökümdar bilen gatnaşyk islemedi.

Belki daşardan gelen adama başga halkyň durmuşyny aňmak, medeniýetine düşünmek kyn bolandyr. Näme bolanda-da, Babur şu toprakda ep-esli möhlet hökümdarlyk eden owganlardan hem, aglaba ýerli halkdan hem haýran galar ýaly bir häsiýet tapmandyr. Ol örän synçydy, daşardan gelen adam hökmünde birneme hetden aşan, diýip hasaplanymyzda-da, onuň hekaýalary



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

şol wagtlarda Demirgazyk Hindistanyň gynançly ýagdaýda bolandygyny görkezýär. Günorta Hindistana bolsa onuň gadamy ýetmändir.

«Hindustan mamoliki, – diýip hekaýa edýär Babur, – wase we purmardum we purhosil[1] welaýat wake bolubtur. Gündogar we günorta, belki günbatar hem Muhit derýasyna muntahi[2] bolur. Günbatar we demirgazyk Kabul we Gazni we Kandahor wake bolubtur. Jemi Hindistan welaýatynyň paýtagty Dehli ermiş».

Hindistan onuň zabt eden wagtynda maýda-maýda böleklere bölünip giden bolsa-da, Babur ony ýeke-täk ýurt diýip düşünendigini nygtamak ýerliklidir. Hindistanyň şeýle bitewilik taglymy ýurdumyzyň bütin taryhynyň dowamynda saklanyp galdy.

Babur Hindistany teswirlemegi dowam etdirip: «Garib mamlakate wake bolubtur. Biziň welaýatlarga baka özge olamedur[3]-diýip ýazýar. Dag we derýasy we jeňňeli we sährasy, mawoze we welaýati we haýwanat we nabototi, ili we dili we ýomguri we ýeli – barça özgeçe wake bolubtur... Sind suwini otkaç, ýer we suw we ýigoç we taş we el we ulus we roh we rasm[4] tamomi Hindistan tariýkidadur[5]... Ýene Hindustan bakalari, egerçi şol bakalardektur, wale bu bakalar suwniň ýüzünde ýetti-sekkiz kari[6] ýuguradurlar».

Soň ol Hindistandaky haýwanlary, gülleri, agaçlary we miweleri sanap geçýär. Soňra adamlary taryplamaga geçýär...

«Latofatekim, Hindistanda bar – beýik welaýatdur, – diýip

---

[1] Giň, halky köp we baý ýurt eken.

[2] Okeana utgaşan.

[3] Biziň welaýatlardan düýpgöter tapawutlanýar.

[4] Edim-gylym we däpler.

[5] Hindistana mahsus äheňde.

[6] Kari – eliň ujundan bilege çenli bolan uzynlykdaky aralyk ýa-da bir gez. Bir gez 71 santimetre deň. 7–8 kari takmynan alty-alty ýarym metri düzýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hekaýa edýär Babur. – We oltun we ýarmogi kalin[1] boladur we paşkol hawolari bisýor hob boladur... Ýene bir latofati budurkim, her synpdin we her harfgardin[2] behad we benihoýat köptur. Her iş üçin we her näme üçin jemi mukarrar we bellidirkim, ata-atalaridin beri ul iş we ul nämäni kila kelgandurlar».

Men Baburyň «Baburnama» eserinden uluja göçürmeleri getirdim. Şeýle kitaplar bize adamy häsiýetlendirip bermäge gönükdirilen islendik synanyşyklardan görä köpräk düşünje berýär.

Babur 1530-nji ýylda, kyrk dokuz ýaşynda aradan çykdy[3]. Onuň ölümi hakynda meşhur bir rowaýat bar. Aýtmaklaryna görä, onuň uly ogly Humaýun agyr kesel bolup galypdyr, tebipler derdine hiç bir şypa tapyp bilmändirler. Şonda Baburyň maslahatçylary ýagşy zatlardan hudaýyň ýoluna gurbanlyk etmeli, diýip maslahat beripdir. Baburyň atalyk mähri joş urup, «Muhammet Humaýunyň mendin özge ýagşyrak nämersesi ýok, men özüm tasadduk bolaýin, hudaý kabul kilsin» diýip, özüniň janynyň hasabyna oglunyň ömrüni dilemegi karar edipdir. Şeýle berk karar bilen Humaýun ýatan otaga girip, üç gezek ony aýlanyp, «Men göterdim her ne derdiň bar», diýipdir. Şu pursatdan başlap Humaýun sagalypdyr, Babur bolsa haldan taýypdyr we birnäçe günden soň aradan çykypdyr.

Baburyň jesedini Kabula eltip, onuň özi ýagşy gören bagda jaýlaýarlar. Ahyrynda, ol özi küýsän güller diýaryna dolanýar.

---

[1] Altyn we kümüşi köp.

[2] Kesp we hünäriň eýeleri.

[3] Aslynda Babur 47 ýaşynda aradan çykypdyr. Çünki ol 1483-nji ýylda doglan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# MAZMUNY

***Birinji bap*. Watan azatlygy – ýokary bagt** ... 3

Iň beýik, iň eziz gün ... 3
Garaşsyzlygymyz ebedi bolsun! ... 9
Watanymyzyň paýtagty ... 15
Özbegistanyň Milli bagy ... 21
Beýik zyýaratgähler ... 26
Taryhy hatyra ... 32
Gadymy Registan ... 37

Gaýtalamak ... 42

***Ikinji bap*. Dünýä merdi ykrar edýär** ... 55

Maddy we ruhy durmuş ... 55
*Amaly sapak*. Asyllylyk ... 59
Otda ýanmaýan miras ... 62
*Amaly sapak*. Özbegistan – beýik alymlar ýurdy ... 66
Milli gymmatlyklarymyz ... 70
Umumadamzat gymmatlyklary ... 75
Biz – Özbegistanyň raýatydyrys ... 78
Watanperwerlik ... 83
*Amaly sapak*. Özbegistanyň janypkeş perzentleri ... 87
Watany beýgeltmek ... 91
Tälim bilen terbiýäniň sazlaşygy ... 97

Gaýtalamak ... 104

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XAYRIDDIN SULTONOV, MURTAZO QARSHIBOYEV

# VATAN TUYG‘USI

**Umumta’lim maktablarining**
**6-sinflari uchun o‘quv qo‘llanmasi**

*(Turkman tilida)*

*To‘ldirilgan va qayta ishlangan 4-nashri*

*Toshkent «Ma’naviyat» 2015*

Terjime eden *K. Hallyýew*
Redaktor *J. Metýakubow*
Suratçy *S. Soin*
Korrektor *J. Metýakubow*
Kompýuterde sahaplaýjy *Ş. Sohibow*

Lisenziýa AI №189, 10.5.2011-nji ýylda berlen. Çap etmäge 2015-nji ýylyň 2-nji iýynynda rugsat edildi. Möçberi 70x90 1/16. Times New Roman garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 8,77. Neşir listi 7,2. 785 nusgada çap edildi. Buýurtma № 15-298.

«Ma’naviyat» neşirýaty. Daşkent, Tarakkiýot 2-nji öňi ýapyk köçesi, 2. Şertnama 35-15.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi. Daşkent, Nowaýy köçesi 30, 2015.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel**

| T/n | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

**Derslik ulanmaga berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak tertibine esaslanyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Jilti gowy, dersligiň esasy böleginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Jilti ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly derejede abatlanypdyr. Goparlan sahypalary ýelimlenen, käbir sahypalary çyzylan |
| **Kanagat-lanarsyz** | Jilti çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan, ýyrtylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Dersligi gaýtadan dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE